TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÄHLUMUMY ABADANÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINE
GÖNÜKDIRILEN NETIJELI HALKARA HYZMATDAŞLYGY
MUNDAN BEÝLÄK-DE GIŇELDERIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
19-njy ýanwar, 2024. Belgisi 3/1569



# KÖPÝYLLYK NETIJELI HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

**17-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Komissiýasynyň wise-prezidenti Margaritis Şinasy kabul etdi.**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylarynyň mähirli salamyny ýetirdi. Şeýle hem ol häzirki wagtda Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylyk söýüjilikli syýasaty durmuşa geçirýän Türkmenistan bilen köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmäge Ýewropa Bileleşiginiň gyzyklanma bildirýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Ýewropa Komissiýasynyň wise-prezidentini myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de şu gezekki saparyň türkmen kärdeşleri bilen netijeli gepleşikleri geçirmek, Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny, geljegini ara alyp maslahatlaşmak üçin amatly mümkinçilik bolup hyzmat etjekdigine ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz özara gyzyklanma bildirilýän köpugurly hyzmatdaşlygyň oňyn ösüşine kanagatlanma bildirip, sebit derejesinde «Merkezi Aziýada durnukly energetika gatnaşyklary» (SECCA), «Merkezi Aziýada oýlap tapyjy ýaşlar üçin dialog we hereket» (DARYA) atly taslamalaryň, Merkezi Aziýada serhetleri dolandyrmaga ýardam bermek Maksatnamasynyň (BOMCA-10), Merkezi Aziýada neşe serişdeleriniň ýaýradylmagynyň öňüni almak Maksatnamasynyň (CADAP) üstünlikli durmuşa geçirilýändigini aýtdy. Şunuň bilen birlikde, häzirki wagtda Ýewropanyň öňdebaryjy kompaniýalarynyň milli ykdysadyýetimiziň köp pudaklarynda – nebitgaz, elektroenergetika, gurluşyk, aragatnaşyk, kommunikasiýa ugurlarynda iş alyp barýandygy bellenildi.

Söhbetdeşligiň barşynda esasy ugurlary we bar bolan mümkinçilikleri hasaba almak bilen, özara hyzmatdaşlygyň geljegi barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz öňde boljak Ýewropa Bileleşigi bilen Merkezi Aziýanyň arasynda durnukly ulag boýunça maýa goýum forumynyň geçirilmeginiň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi. Bu forumy şu ýylyň ýanwar aýynyň ahyrynda Brýussel şäherinde geçirmek meýilleşdirilýär. Döwlet Baştutanymyz ulag-logistika ulgamynyň Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň gün tertibinde geljegi uly ugurlaryň biridigini nygtap, ýurdumyzyň forumyň işine işjeň gatnaşjakdygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz maýa goýum forumynyň üstünlikli geçirilmegini arzuw edip, onuň netijeleriniň Hazarüsti ulag geçelgesiniň Ýewropany we Merkezi Aziýany birleşdirýän multimodal, häzirki zaman, durnukly we tiz ugra öwrülmegine goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

Ýewropa Komissiýasynyň wise-prezidenti netijeli duşuşyk üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýurdumyz bilen hyzmatdaşlykda Ýewropa Bileleşiginiň täzeçil çemeleşmeleriniň bilelikdäki işleriň netijeliligini mundan beýläk-de artdyrmak üçin berk binýat bolup hyzmat edýändigini belledi.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz we Ýewropa Komissiýasynyň wise-prezidenti Margaritis Şinas birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk, jogapkärli işlerinde üstünlikleri arzuw etdiler.

* * *

Şeýle hem şol gün daşary syýasat edarasynyň binasynda Türkmenistanyň daşary işler ministri bilen Ýewropa Komissiýasynyň wise-prezidenti Margaritis Şinasyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşykda taraplar Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryny we ony ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Şunda howpsuzlyk, sanly ulgam, suw hojalygy, ulag we bilim ugurlarynda gatnaşyklary giňeltmegiň meselelerine aýratyn üns berildi.

Taraplar 2024-nji ýylyň 29-30-njy ýanwarynda geçirilmegi meýilleşdirilýän Maýa goýum boýunça ýokary derejeli forumyň meseleleri barada pikir alyşdylar.

## ARKADAG HEM PYRAGY – ÝAŞLARYŇ KÖŇÜL ÇYRAGY



*Ýurdumyzda pähim-paýhas ummany bolan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny halkara jemgyýetçiligi bilen bilelikde bellemek babatda durmuşa geçirilýän işler akyldar şahyrymyzyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasyny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Täze taryhy döwürde Köpetdagyň eteginde gurulýan Magtymguly Pyragynyň ägirt uly heýkeli beýik şahyryň ömrüne, döredijilik mirasyna häzirki döwrüň nesilleri tarapyndan uly sarpa goýulýandygynyň aýdyň nyşanydyr.*

*Beýik akyldaryň «Berkarar döwlet istärin» diýip, özbaşdak döwlet, halkymyzyň agzybir, asuda we abadan durmuşda ýaşamagy hakynda eden arzuwlary döwletimiziň Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen doly hasyl boldy.* ■ 3

## Ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen-Mary böleginiň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar

**Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mary welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy. Milli Liderimiz Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan Tejen-Mary böleginiň gurluşygy bilen tanyşdy we halkara ähmiýetli ýoluň gurluşygynda işleýän ýol gurluşykçylar bilen gürrüňdeş bolup, olaryň iş şertleri bilen gyzyklandy.**

Gahryman Arkadagymyz ýol, köpri gurmagyň, bina galdyrmagyň türkmen halkynda sogap iş hasaplanýandygyny belläp, gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň döwrebap derejede dikeldilmegine mynasyp goşant goşulýandygyny, bu ýoluň geljekde tutuş adamzadyň bähbidine hyzmat etjekdigini aýtdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri täze ýoluň ýol belgileriniň döwrebap bolmagy, ulaglaryň hereketini gözegçilige alýan ulgamyň sazlaşykly işiniň ýola goýulmagy bilen baglanyşykly meseleleriň hemişelik gözegçilikde saklanmalydygyny belläp, bu babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe maslahatlaryny berdi.



Bilşimiz ýaly, Aşgabat-Türkmenabat awtomobil ýolunyň Aşgabat-Tejen bölegi 2021-nji ýylda ulanylmaga berlipdi. Uzynlygy 600 kilometre barabar bolan Aşgabat-Türkmenabat awtomobil ýolunyň gurluşygyna bolsa 2019-njy ýylyň 24-nji ýanwarynda badalga berildi. Taslamanyň umumy bahasy 2,5 milliard dollara barabardyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 11-nji ýanwaryndaky Kararyna laýyklykda, bu giň gerimli taslamany durmuşa geçirmek Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy «Türkmen Awtoban» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetine ynanyldy. Resminamada awtomobil ýoluny hem-de onuň desgalaryny üç tapgyrda ulanmaga bermek bellenildi.

Ýokary tizlikli awtomobil ýoly Türkmenistanyň çäginden daşalýan ýükleriň möçberini ep-esli artdyrmaga we gatnawlary çaltlandyrmaga amatly şertleri döreder. Şunuň bilen baglylykda, goňşy Özbegistan bilen ulag ulgamyndaky gatnaşyklary ösdürmekde uly mümkinçilikler açylýar. Ýurdumyzyň gündogar sebitini onuň merkezi bilen baglanyşdyrýan ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Aşgabat-Türkmenbaşy awtobanyna sepleşmegi ýük awtoulaglaryna Türkmenbaşynyň Halkara deňiz portuna we şol ýerden deňiz ýoly arkaly Kawkaza, Ýewropa, Russiýanyň günorta sebitine, Eýranyň demirgazygyna, Pars hem-de Oman aýlagyna çykmaga mümkinçilik döreder. ■ 2

## ŞYGRYÝET ÄLEMINIŇ SÖZ USSADYNYŇ BELENT SARPASY



*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasaty netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda medeniýet ulgamyny kämilleşdirmek, milli mirasy düýpli öwrenmek, aýawly saklamak we dünýäde wagyz etmek, taryhy-medeni ýadygärlikleri gorap saklamak boýunça anyk çäreler durmuşa geçirilýär.*

*Ýurdumyzda medeniýeti we sungaty ösdürmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Her ýylda amala aşyrylýan özboluşly taslamalar ýaşlaryň döredijilik mümkinçiliklerini açmaga, olary halkymyzyň bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlyklary, baý aýdym-saz medeniýeti bilen tanyşdyrmaga ýardam edýär. Şeýle hem halkara derejesinde dürli çäreler geçirilip, ýurdumyzyň baý medeniýeti we milli gymmatlyklarymyz daşary ýurtlarda giňden wagyz edilýär.* ■ 3

### Halkara ykdysady forum geçirildi



15-19-njy ýanwar aralygynda Şweýsariýanyň Dawos şäherinde Bütindünýä ykdysady forumy (WEF) geçirildi. Maslahata 60-dan gowrak döwlet we hökümet Baştutany, şeýle hem ýüzlerçe işewür gatnaşdy. Foruma BMG, BSGG, HPG ýaly guramalaryň ýolbaşçylary we hökümete degişli bolmadyk 40-a golaý guramanyň wekilleri gatnaşdy. ■ 4

### Ak aýylaryň şäherine awtobusly gezelenç



Soňky ýyllarda syýahatçylyk ösen pudaklaryň birine öwrüldi. Islendik ýurda syýahata baranyňda haýsydyr bir täsin zada, üýtgeşik gezelenç ugurlaryna we özboluşly tebigy gözelliklere duş gelmek bolýar. ■ 5

### Bütindünýä kitap paýtagty bolar



Bütindünýä kitap paýtagty geňeşi tarapyndan geçirilen baha berişlikden soň ÝUNESKO-nyň Baş direktory Odre Azule Rio-de-Žaneýrony 2025-nji ýylda Bütindünýä kitap paýtagty diýip mälim etdi. ■ 6

### FIFA ýene-de Messini saýlady



Argentinaly super ýyldyz futbolçy, häzirki wagtda «Inter Maýami» toparynda çykyş edýän Lionel Messiniň baýrak kolleksiýasyndaky sylaglarynyň sany artmagyny dowam edýär. Angliýanyň paýtagty Londonda geçirilen «The Best FIFA 2023» baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. ■ 7

## Hytaýyň ykdysadyýeti 5,2 göterim ösdi

**Dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurdy bolan Hytaýyň milli statistika býurosy geçen ýyl 5,2 göterim ösüş gazanylandygyny mälim etdi. Ýurduň hökümeti bu görkezijiniň 5 ýyllyk bolmagyny meýilleşdiripdi. Şeýlelikde, 2023-nji ýyldaky ösüş garaşylandan birneme ýokary boldy.**



**Ýurduň ykdysadyýeti 2022-nji ýylda pandemiýa sebäpli 3 göterim ösüpdi. Bu bolsa pandemiýanyň ýurduň ykdysadyýetine täsiriniň görnetin azalandygyny görkezýär. Hytaýyň senagat önümçiligi geçen ýyl 2022-nji ýyldakydan 4,6 göterim, sarp ediş harytlarynyň bölek söwdasy 7,2 göterim artypdyr. 2022-nji ýylda 120,4 trillion ýuan (17,01 trillion dollar töweregi) bolan jemi içerki önüm, geçen ýyl 126,06 trillion ýuana (17,71 trillion dollar) ýetipdir.**

**Ýylyň soňky üç aýynda bolsa 5,1 göterim ösüş hasaba alnypdyr. Birinji çärýekde 4,5 göterim, ikinji çärýekde 6,3 göterim, üçünji çärýekde 4,9 göterim ösüş gazanylypdyr.**

**Şahan TOÝLYMUHAMMEDOW,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## Ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen-Mary böleginiň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gurluşygyň meýilnamasyna laýyklykda, awtoban alty hereket zolagyndan ybaratdyr. Onuň ýer düşeginiň giňligi 34,5 metr, ýol hereket böleginiň giňligi her tarapda 11,25 metr, hereket zolagynyň giňligi bolsa 3,75 metrdir. Munuň özi dünýäde şeýle desgalara bildirilýän talaplara laýyk gelýär.

Ýoluň hereket bölegi biri-birinden ýörite zolak arkaly bölünipdir. Her ugurda hereket zolagyna adatdan daşary ýagdaýlar üçin zolak, suwly ganaw hem-de adamlaryň we haýwanlaryň hereket zolagyna çykmagynyň öňüni almak üçin niýetlenen metal germewler sepleşýär.

Ýol örtügi birinji derejeli täze awtoban döwrebap serişdelerden – ýokary hilli asfalt-betondan, sintetik örtükden, geogözeneklerden, torlardan we awtomobil ýolunyň netijeli gatlarynyň mäkämligini artdyrýan beýleki serişdelerden ybarat bolup, olar ýol örtüginiň we köp gatly ýer düşeginiň göterijilik ukybyny artdyrmak üçin ulanylýar.

Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen-Mary böleginiň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Bu tapgyr ýakyn wagtda işe giriziler. Mundan başga-da, ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary-Türkmenabat böleginiň gurluşygyna hem girişildi. Mary-Türkmenabat bölegi boýunça gurluşygy başlanan awtoulag ýolunyň häzirki böleginiň uzynlygy 288 kilometrdir. Onuň işe girizilmegi ýurdumyzyň ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny, logistik hyzmatlaryň hilini ep-esli ýokarlandyrmaga, halkara üstaşyr ulag düzümini hem-de döwletara söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge mümkinçilik berer. Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoly häzirki wagtda durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň ähmiýetli iň uly ýol-ulag taslamalarynyň biridir.

**Selim ÖWEZMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



## Intellektual eýeçiligiň ähmiýeti

Häzirki zaman ykdysadyýetiniň geljekdäki ösüşi intellektual eýeçiligiň pugta esaslarynyň döredilmegine bagly bolup, intellektual eýeçilik obýektleri adamyň zähmet işiniň ähli ulgamyny gurşap alýar. Intellektual eýeçilik obýektleriniň goragynyň sowatly üpjün edilmegi täze tehnologiýalary, ylmy işleri, edebiýat we sungat eserlerini döretmek hem-de olary üstünlikli ulanmak, şol sanda raýatlaryň, döwletiň bähbitlerine ulanmak boýunça tagallalaryň aýrylmaz bölegidir. Senagat eýeçiliginiň we awtorlyk hukugynyň obýektleri babatda islendik döwletde geçirilýän işler intellektual eýeçiligi goramagyň milli ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen işler bolup durýar.

Döwlet tarapyndan intellektual eýeçilik hukuklaryny goramagyň düzgünleşdirilmegi intellektual eýeçilik obýektleriniň kadaly işlemeginiň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Intellektual eýeçilik hukuklarynyň eýeleri öz hukuklarynyň üçünji şahslar tarapyndan bozulan halatynda öz kanuny bähbitlerini goramak mümkinçiligine eýe bolmalydyrlar.

Intellektual eýeçilik hukuklaryny goramagyň netijeli ulgamynyň bolmagy intellektual eýeçiligi ykdysady we medeni ösüşiň kuwwatly serişdesi hökmünde peýdalanmaga hem-de daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň ylmy-innowasion taýdan ösüşiniň üpjün edilmeginde we döwletimizde öndürilen önümleriň dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmakda intellektual eýeçiligi goramak babatynda milli kanunçylygymyzyň kämilleşdirilmeginiň möhüm ähmiýeti bardyr.



Şu nukdaýnazardan ugur alyp, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek babatynda kabul edilýän maksatnamalarda Türkmenistanda intellektual eýeçiligiň hukuk goragynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutýan wezipeler kesgitlenip geçilýär. Hususan-da, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» intellektual eýeçiligiň birlikleriniň hukuk goraglylygyny üpjün etmek, ony girdeji çeşmesi hökmünde ykrar etmek döwletiň innowasiýa syýasaty babatynda esasy wezipeleriniň hatarynda görkezilýär.

Bulardan başga-da, «Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» üstünlikli berjaý edilendigini hem aýratyn belläp geçmek gerek.

Ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde intellektual eýeçilik hukugyny goramak ugrunda milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmek boýunça baý tejribe toplanyldy. Umuman, ýurdumyzda intellektual eýeçilik hukugynyň goragyny üpjün edýän kanunçylyk namalaryny şertli iki topara bölmek bolar. Bularyň birinjisine intellektual eýeçilik hukuklarynyň goragyny üpjün edýän ýöriteleşdirilen kanunlary degişli etmek bolar. Bu kanunlaryň kabul edilmeginiň esasy maksady bolup intellektual eýeçilik hukugyny goramak ugrunda ýüze çykýan gatnaşyklaryň aýry-aýry taraplaryny düzgünleşdirmek bolup durýar. Intellektual eýeçilik hukugynyň goragyny üpjün edýän kanunlaryň ikinji toparynda bu gatnaşyklary düzgünleşdirmäge ýöriteleşdirilmedik, emma öz içinde şeýle gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalary jemleýän kanunlary görkezmek bolar.

Ýurdumyzda halkara gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy bilen işjeň gatnaşyklar alnyp barylýar. Biziň ýurdumyz Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasyna 1995-nji ýylda girip, degişli konwensiýa goşuldy. Ýurdumyzyň milli intellektual eýeçilik ulgamy halkara ulgamyna laýyk gelýär we köp babatda ählumumy ykrar edilen ýörelgeleriň esasynda işleýär.

Milli intellektual eýeçilik ulgamynyň has-da kämilleşmegi ýurdumyza göni maýa goýumlaryň artmagyna, täze iş orunlaryň döredilmegine, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetine baý tejribäniň we ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna ýardam edýär. Şonuň üçin bu babatda ägirt uly işler alnyp barylýar. Muňa mysal edip, intellektual eýeçiligiň hukuklary, awtorlyk hukugyny goramakda tejribe alyşmak, şeýle hem maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okuw maksatnamalaryny we gollanmalaryny işläp taýýarlamak boýunça halkara tejribesini öwrenmek bilen baglanyşykly meseleleri görkezmek bolar.

Täze eserleri döredýän we oýlap tapyşlary öňe sürýän awtorlaryň sany ýurdumyzda ýyl-ýyldan artýar. Intellektual eýeçilik bolsa oýlap tapyşlar, edebi we çeper eserler, şeýle hem täjirçilik maksady bilen ulanylýan nyşanlar, atlar we nusgalar bilen baglanyşykly meseleleri öwrenýär. Häzirki döwürde ýurdumyzda bu ulgamdaky kanunçylygy halkara hukuk kadalaryna laýyk getirmek maksady bilen uly işler alnyp barylýar.

**Döwletmyrat MUHAMMEDOW,**
**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlary.*

## Dünýäniň ikinji beýik binasy açyldy

Kuala-Lumpurda Malaýziýanyň iň beýik, dünýäniň ikinji beýik binasynyň açylyş dabarasy boldy. Malaýça «garaşsyzlyk» diýmegi aňladýan «Merdeka 118» atly gökdirän Dubaýdaky «Burj Halifa»-dan soň dünýädäki ikinji iň beýik bina boldy. Beýikligi 678,9 metr bolan 118 gatly binanyň gurluşygyna 2014-nji ýylda başlandy. Täze gökdirän Aziýanyň iň beýik binasy bolan Şanhaý diňinden (632 metr) öňe geçdi. Köpmaksatly binanyň 673 müň inedördül metrden gowrak meýdany bolup, ofis otaglary, söwda merkezleri we myhmanhanalar ýerleşýär. Mundan ozal 1998-nji ýyldan 2004-nji ýyl aralygynda şäherdäki «Petronas Towers» atly birmeňzeş şekilli iki binadan emele gelen, beýikligi 451,9 metr bolan gökdirän dünýäniň iň beýik binasy bolupdy.



**Annamurat AŞYROW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Gündelik 2 million barrel artar

**Şotlandiýanyň «Wood Mackenzie» atly maslahat beriş kompaniýasy nebite bolan islegiň şu ýyl gündelik 2 million barrel artjakdygynyň çaklanylýandygyny habar berdi. Bu artyşyň dörtden birinden gowragy Hytaýa degişli bolar. Nebiti eksport edýän ýurtlaryň guramasynyň (OPEC) we beýleki nebit öndürýän käbir ýurtlardan emele gelen OPEC+ toparynyň önümçiligi azaltmagy 2024-nji ýylda hem dowam etdirmegi bilen nebitiň önümçiliginiň islegden az boljakdygy bellenildi. Kompaniýanyň barlaglardan jogapkär başlygynyň orunbasary Alan Gelder nebite bolan islegiň uly böleginiň ýylyň ikinji ýarymynda artjakdygyny belledi. Ol munuň ykdysady ösüşiň we göterimiň pes bolmagy sebäpli boljakdygyny aýtdy.**



**Atamyrat ABDYÝEW,**
***Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallym-öwrenijisi.***

## GYŞDA NÄÇE MUKDARDA SUW IÇMELI?

Köp adam howanyň sowuk günlerinde suw içmeýär. Emma gyşyna suw içmek immuniteti güýçlendirip, ýüze çykyp biljek keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Gyşyna howanyň sowuk bolmagy, günüň köp böleginiň ýapyk binalarda geçirilmegi bedendäki suwuň mukdaryny azaldýar. Lukmanlaryň belleýşi ýaly, suw içmek bedeniň temperaturasyny kadaly saklamaga-da ýardam edýär. Daşarda gezilende bolsa, ýel we sowuk howa bedeniň suw ýitgisine sebäp bolýar. Lukmanlar her gün 2-2,5 litr suw içmegi maslahat berýän hem bolsalar, her adamyň gündeki içmeli suwy ýaşyna, agramyna, gündelik fiziki hereketine, ýaşaýan ýeriniň tebigy şertlerine we saglyk ýagdaýyna görä üýtgeýär. Maşk edýänler ýa-da köp fiziki hereketi talap edýän işde işleýänler derleýändigi sebäpli has köp suw içmeli bolýarlar. Yssy we çygly ýerler hem derlemäge sebäp bolup, bedeniň suw zerurlygyny artdyrýar. Emdirýän aýallara hem köpräk suw içmek maslahat berilýär. Ir bilen bir bulgur ýyly suw içmek hem peýdalydyr. Bu ýagdaý bedeniň gije bolup geçen suw ýitgisiniň öwezini dolup, metabolizmi herekete getirýär. Mundan başga-da, suw içmek teniň guramagynyň öňüni alýar. Saglygy bilen bagly birahatlygy bolan adamlaryň her gün näçeräk suw içmelidigi barada lukmandan maslahat almagy ýerlikli hasap edilýär.



Şeýle-de, bedeniň keselden goraýjylyk ukybyny ýokarlandyrmak üçin kadaly iýmitlenmeli, gök, bakja önümlerini köpräk iýmäge çalyşmaly. Uzak dowam eden dartgynlyk bedeniň immun ulgamynyň pese düşmegine getirýär. Ruhy taýdan deňagramlygy saklaň, gaharlanmaň, şadyýan boluň! Sagdyn durmuş ýörelgesi şatlyk bilen biri-birinden aýrylmazdyr. Şeýle-de, rahat uky saglygy berkitmegiň we harçlanan energiýany dikeltmegiň iň gowy usulydyr.

**Aýsoltan ÝAGMYROWA,**
*Aşgabat şäheriniň 14-nji saglyk öýüniň baş lukmany.*

## IŇ GYMMAT BRENDLER

Geçen ýylyň iň gymmat brendleriniň sanawy mälim edildi. «Brand Finance»-iň taýýarlan sanawynda bazar nyrhy 516,6 milliard dollar bolan «Apple» birinji orny eýeledi. Amerikan tehnologiýa kompaniýasynyň gymmaty 74 göterim artypdyr. Geçen ýylky sanawda «Amazon» birinji bolupdy. Soňky ýyllarda emeli aň tehnologiýasyna maýa goýum goýberýän NVIDIA bolsa bazar gymmatyny 163 göterim artdyryp, bu ugurda birinji boldy. Sanawa jemi 500 brend girizilipdir. Ikinji ýeri 340,4 milliard dollar gymmaty bilen «Microsoft» eýeledi. Bazar nyrhy 333,4 milliard dollar bolan «Google» üçünji boldy. Geçen ýylyň birinjisi bolan «Amazon» 308,9 milliard dollarlyk gymmaty bilen 4-nji, 99,4 milliard dollar gymmaty bolan «Samsung» 5-nji ýeri eýeledi. Bölek söwda bilen meşgullanýan «Walmart» (96,8 milliard dollar) 6-njy, «Tiktok» (84,2 milliard dollar) 7-nji, «Facebook» (75,7 milliard dollar) 8-nji boldy. Germaniýanyň telekommunikasiýa kompaniýasy «Deutsche Telekom» (73,3 milliard dollar) hem-de Hytaýyň ICBC banky (71,8 milliard dollar) ilkinji onlugy jemlediler.



Sanawda brendleriň sany we gymmaty babatda amerikan kompaniýalary öňdeligi eýeleýär. «Global 500» sanawyndaky 203 kompaniýa ABŞ-a degişli. Ikinji ýerdäki Hytaýdan 65 kompaniýa, üçünji orundaky Ýaponiýadan 33 kompaniýa sanawa girizilipdir. Sanawda Fransiýadan 32, Germaniýadan 28, Angliýadan 20 kompaniýa bar. Iş alyp barýan ugurlary hasaba alnanda bank-maliýe ulgamyndan 71, bölek söwda degişli 53, tehnologiýa pudagyndan 49 brend bar.

**Humaý DÄDIŞOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Emeli aň tehnologiýaly ýol bejerýän maşyn

Birleşen Patyşalykda dünýäniň emeli aň tehnologiýasy bilen üpjün edilen ilkinji ýol bejerýän maşyn synagdan geçirilýär. Bilermenleriň bellemegini görä, soňky ýyllarda emeli aň tehnologiýasy ösýär. Muny islendik pudakda hem görmek bolýar. Ýurduň Hartfordşir şäherinde geçirilýän synag oňyn netije beren halatynda onuň giňden ulanylmagyna garaşylýar. Inženerler özbaşdak hereket edýän maşynyň ýollardaky çukurlary, çat açan ýerleri ýa-da beýleki bökdençlikleri anyklaýandygyny we soňra oňarýandygyny belleýärler. ARRES PREVENT atly robot örän çalasyn hereket edýär. Şeýle bolansoň, bu robotyň işçilerden has çalt we netijeli işleýändigi mälim edildi. Ýörite tehnikany Liwerpul uniwersitetiniň hünärmenleri, «Robotiz3d» kompaniýasynyň inženerleri we şäheriň awtoýollary edarasynyň işgärleri bilelikde işläp taýýarlapdyrlar. Roboty döretmäge 2020-nji ýylda başlanypdyr. Häzirlikçe synag edilýän robotyň şu ýylyň dowamynda hakyky ýollarda ulanylmagyna garaşylýar. Hartfordşir şäher geňeşiniň wekili robotyň ýol oňarýan işçi toparlaryna ýardam etjekdigini aýdýar. Ol roboty adamlaryň deregine däl-de, olar bilen bile ulanmak isleýändiklerine ünsi çekdi. Robot ýolda aýlanyp, kameralar we beýleki enjamlar arkaly ýollaryň nätekiz ýerlerini anyklaýar.



## ÖNÜMÇILIKDE ÖŇE GEÇDI

Halkara maglumat guramasynyň (IDC) maglumatyna görä, «Apple» geçen ýyl dünýäniň iň uly smartfon öndürijisi boldy. «Samsung» kompaniýasy bolsa 12 ýyldan bäri saklap gelýän bu adyny ýitirdi. Amerikan tehnologiýa ägirdi pandemiýa döwründäki telefonlary täzelemek we göterimiň ýokary bolmagy sebäpli satuwynyň pese gaçandygyna garamazdan, iň köp smartfon öndüren kompaniýa boldy. Kompaniýa 234 million telefony müşderilere ýetiripdir. «Huawei»-iň satuwynyň görnetin azalmagy bolsa, «Apple» üçin bähbitli bolupdyr. «Samsung» smartfonlary bolsa islegiň azalmagy we arzan «Android» telefonlaryny öndürýänleriň köpelmegi sebäpli has az satylypdyr. Şeýlelikde, dünýäde satylan bäş telefonyň birinden gowragy «iPhone» bolupdyr. Bu ugurda ikinji bolan «Samsung» telefon bazarynyň 19,4 göterimine eýe bolupdyr. Hytaýyň OPPO we «Transsion» kompaniýalary telefon satuwynda degişlilikde üçünji we dördünji orunlary eýeläpdir. Bilermenler ulanyjylaryň pandemiýa döwründe telefonlaryny täzeländigini, şol sebäpli onuň yzýany telefon satuwyna islegiň azalandygyny belleýärler. Maglumatlara görä, geçen ýyl dünýäde 1,2 milliard smartfon satylypdyr.



**Jumagül WELIÝEWA,**
*«Türkmendeňizderýaýollary» agentliginiň Deňizçilik orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## 10,3 million ulag öndürer

Ýaponiýanyň «Toyota Motor» kompaniýasy 2024-nji ýylda jemi 10,3 million ulag öndürmegi meýilleşdirýär. Bu barada «Toyota Motor» kompaniýasynyň awtoulag şaýlaryny üpjün edýän kompaniýalara ugradan hatynda bellenilýär. Bu maksada ýetilen ýagdaýynda kompaniýa öz taryhyndaky rekordy täzelär. Awtoulag öndürijisi çip üpjünçilik meselesiniň azaljakdygyny we gibrid ulaglara islegiň artmagynyň bu maksada ýetmäge ýardam etjekdigini belleýär. Önümçilik maksatnamasy «Toyota» hem-de «Lexus» brendlerine degişli ulaglary öz içine alýar. Ýapon brendiniň garamagyndaky «Daihatsu» brendine degişli modeller bu meýilnama girizilmändir.



Köp ýyldan bäri dünýäniň iň köp awtoulag öndürijisi bolup gelýän «Toyota» geçen ýylyň ýanwar-noýabr aýlarynda 9,23 million ulag öndürendigini mälim edipdi. Kompaniýanyň golaýda şu ýylyň dowamynda näçeräk ulag öndürendigi baradaky maglumaty ýaýratmagyna garaşylýar.

**Ilýas BABAÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Hytaýyň ilaty geçen ýyl hem azaldy

**Hytaýyň Döwlet statistika dolandyryş gullugynyň (NSA) habaryna görä, geçen ýylyň ahyrynda ýurduň ilaty 2022-nji ýylyň ahyryna garanyňda, 2,08 million adam azalypdyr. Daşary ýurtlular hasaba alynmanda, Hytaýyň 1,40967 milliard ýaşaýjysy bar.**



**Ýurtda ýylyň dowamynda 9,02 million çaga dünýä inipdir we 11,1 million adam aradan çykypdyr. Her 1000 adamda dogluş we ölüm derejesi, degişlilikde, 6,39 we 7,87 bolupdyr. Ýurtda 720,32 million erkek, 689,35 million zenan ýaşaýar.**

**Hytaýyň ilaty 2022-nji ýylda hem 800 müň töweregi azalypdy. Şeýlelikde, dünýäniň iň köp ilatly ýurdy Hindistan bolup, Hytaý ikinji orna düşüpdi. Bilermenler ýurduň ilat artyşynyň dowam etjekdigini belleýärler. Hindistanyň 1 milliard 417 million ilaty bolup, bu görkezijiniň Hytaýyňkydan 5 million köpdügi çaklanylýar.**

## Iň köp syýahatçy baran ýurtlar

BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy (UNWTO) geçen ýyl iň köp syýahatçy kabul eden ýurtlaryň sanawyny mälim etdi. Ozalky ýyllarda bolşy ýaly, sanawda Fransiýa birinji boldy. Paýtagtyndaky Eýfel diňi bilen tanalýan ýurda 89,4 million myhman barypdyr. Ikinji orny Ýewropanyň güneşli ülkesi Ispaniýa (83,7 million), üçünji ýeri ABŞ (79,3 million) eýeläpdir.



Soňky ýyllarda has köp syýahatçylyk mümkinçiligini hödürleýän Hytaýa 65,7 million, Italiýa 64,5 million daşary ýurtly barypdyr. Sanawda Türkiýe garaşylmadyk ýagdaýda altynjy orny eýeläpdir. Bu ýurda 51,2 million adam barypdyr. Meksikada dynç alanlaryň sany 45 million bolupdyr. Tailand (39,8 million), Germaniýa (39,6 million) we Angliýa (39,4 million) degişlilikde ilkinji onlugy jemläpdir. Şeýle hem Ýaponiýa (32,3 million), Awstriýa (31,9 million), Gresiýa (31,3 million), Malaýziýa (26,1 million), Portugaliýa (24,6 million), Russiýa (24,4 million), Gonkong (23,8 million), Polşa (22,1 million), Kanada (22,1 million) we Niderlandlar (20,1 million) ilkinji ýigrimi ýurduň arasyna giripdir.

**Enejan ALLAMYRADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 19-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113237
Belgisi: 3/1569
Tiražy: 9000
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat berijі jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ARKADAG HEM PYRAGY – ÝAŞLARYŇ KÖŇÜL ÇYRAGY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Dünýä medeniýetiniň baý genjihazynasyna öwrülen Magtymguly Pyragynyň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan eserleri hem-de filosofik garaýyşlary, agzybirlik, sahawatlylyk hakyndaky pikirleri, öwüt-ündewleri türkmen jemgyýetiniň ruhy taýdan kämilligine, halkymyzyň häzirki we geljek nesilleriniň ruhy sagdynlygyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň esasynda goýlandyr.

Ylhamy gursagyna sygman, çeper döredijilige baş goşan ýaşlaryň deňsiz-taýsyz lezzetden we müň bir hupbatdan doly ýola şygyr bilen başlamagy ýönelige däl. Çünki şygyr çeper döredijiligiň iň süýji, iň özüne çekiji şahasy. Megerem, çagalyk höwesimiziň eline galam tutdurýan güýç hem şygryň süýjüligi we jadysydyr. Çünki kämil şygyr okyjyny hemişelik özüne baglaýar. Dogry, ilkinji gezek okaňda, kämil şygyrdan uzak wagtlap örküňi üzüp bilmän oturýarsyň. Ýöne ol soň-soňlaram ýene özüne dolap getirýär. Käbir şygyrlaryň wagtal-wagtal gaýtalap-gaýtalap okalmagynyň sebäbi hem şunda.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly türkmen edebiýatyna şeýle kämil şygyrlaryň ýene birini bagyşlady. Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly şygry şol kämilligiň hut özüdir. Özi hem bu şygry ilkinji gezek Gahryman Arkadagymyzyň hut özüniň okamagy has täsirli boldy.

Milli Liderimiz Magtymguly Pyraga goýýan hormatyny beýan edip, täze şygrynda şahyra: «Onuň Alyjenaby» diýip ýüzlenýär. Syýasat dünýäsinde iň mertebeli adamlara «Alyjenap» diýlip ýüzlenilýändigini bilýänsiňiz. Gahryman Arkadagymyz Magtymguly Pyragynyň hem şeýle ýüzlenmä mynasyp şahsyýetdigini subut etdi.

Şygryň setirleri hyýallaryňy, göwün dünýäňi, gör, nirelere alyp gitmeýär?! Bu gün türkmen halky Magtymguly Pyragyny «jana-janyna deňäp, oňa baş egýär, müň bir togap bilen ýanyna barýarys». Beýikleriň ykbaly şeýle! Magtymguly Pyragy öz ömri bilen, kämil döredijiligi bilen «barymyzy ägirt şöhrat-şanyna şärik edýär». Ol «asyrlaryň nurana rowaýaty», ol «Taňrynyň hemaýaty», bir döwre sygmaýan, «ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty». Ine, şonuň üçin hem şahyryň «päk ruhunyň baýramyna-toýuna hormat goýýarys, zer ýalkymly pikirine-küýüne tagzym edýäris». Bu gün bolsa «Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy Köpetdagyň eteginde örboýuna galyp»,



dogduk Diýarynda dörän jenneti synlaýar.

Şahyryň «üç asyryň dowamynda geçen ýoly juda uly». Şeýle belent mertebeli şahsyýetdigine garamazdan, akyldar şahyr «halkynyň hem adamzadyň sadyk-sytdyh guly». Tutuş adamzadyň gamyny iýýänligi üçin hem ol «hemişe we hemme ýerde şol bir Magtymguly».

Şygryň jemleýji setirleri bolsa akyldar şahyryň 300 ýyllyk ýubileý toýunyň şygaryna öwrülip biljek derejede kämil:

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy,
Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy».

Indi başga bir hakykata ünsüňizi çekmek isleýäris. Ýakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä ýaşlar jemgyýetiniň hem agzalygyna kabul edilen Ýaşlar guramamyz Magtymguly Pyragynyň adyny buýsanç bilen göterýär. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy özüniň kämil ösüş ýolunyň iň nurana ýyllaryny Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda Arkadagly Serdarymyzyň parasatly ýurt baştutanlygynda geçirýär. Akyldar şahyryň adyny göterýän guramamyzyň milliona golaý agzasy ykbalyna Magtymguly Pyragynyň dürdäne setirlerini tug, Gahryman Arkadagymyzyň öwüt-nesihatlaryny ýörelge, hormatly Prezidentimiziň aýdyň ýoluny ugur edinýärler. Şeýle bolansoň, olaryň mydama ümzügi ileri! Eziz Arkadagymyzyň bu şygry bolsa ýaşlaryň öz Arkadagyna, öz şahyryna, öz söz ussadyna, halypasyna bolan söýgüsini ozalkysyndan hem ep-esli artdyrýar.

Şeýle kämil şygry döredip, beýiklerimizi sarpalamakda görkezýän nusgalyk göreldesi üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris. Türkmen ýaşlarynyň arasynda gursagy ylhamlylary juda kän. Hormatly Arkadagymyzyň täze şygryndaky kämillik olaryň döredijilikdäki täze ädimlerine ýol görkeziji bolar.

**Döwletgeldi DURDYMUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň başlygynyň orunbasary.*

# ŞYGRYÝET ÄLEMINIŇ SÖZ USSADYNYŇ BELENT SARPASY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ady bilen baglanyşdyrylmagy ýurdumyzyň beýik akyldarynyň hormatyny has-da belende galdyrdy. Geçen ýylyň dowamynda Azerbaýjanda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Özbegistanda, Ýaponiýada, Koreýa Respublikasynda, Gyrgyzystanda, Gruziýada, Türkiýede, Eýranda, Ermenistanda, Rumyniýada, Pakistanda, Hindistanda, Ukrainada, Germaniýada, Ispaniýada we Beýik Britaniýada Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ylmy maslahatlar, döredijilik hepdelikleri, duşuşyklar, kinofilmleriň, teatr oýunlarynyň görkezilişi, edebiýat agşamlarydyr bäsleşikler guraldy. Şunuň bilen bir hatarda, Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumy ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna goşuldy, onuň 300 ýyllygy bolsa 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň hataryna girizildi. Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýyl «Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edildi.

2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny baýram etmegiň çäginde şu ýylyň maý aýynda medeniýet ministrleriniň derejesindäki halkara maslahaty, oktýabr aýynda bolsa Aşgabat şäherinde döwlet we hökümet Baştutanlarynyň derejesindäki sammiti geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu wakalar diňe bir türkmen halkynda däl, eýsem, belli Gündogary öwreniji alymlarda, dünýäniň nusgawy edebiýata uly sarpa goýýan halklarynyň ählisinde buýsanç döretdi. Sebäbi Magtymguly diňe bir türkmen edebi we medeni mirasyna däl, eýsem, umumadamzat gymmatlyklaryna hem taýsyz goşant goşan şahyrdyr. Magtymguly dünýä, ahlak, ynsan, gözellik, söýgi hakyndaky gyzyldan gymmatly garaýyşlary bilen türkmen edebiýatynyň, türkmen pelsepesiniň mazmun taýdan baýlaşmagynda aýratyn orna eýedir.

Türkmeniň toýy uludan tutjak bolanda, onuň geňeş-taýýarlygyna öňräginden başlaýşy ýaly, uly we ähmiýetli çärelere baý 2024-nji ýylyň aladalary Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ahyrlaryndan doly bat aldy. TÜRKSOÝ-yň hemişelik geňeşiniň mejlisinde 2024-nji ýyl tutuş türki dünýäde «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edildi. Bu möhüm karar Türkmenistanda kabul edilen ýyllara at bermek däbiniň bütin dünýäde hem ykrar edilmegini, şeýle-de Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen bagly dabaralaryň halkara derejä çykjakdygyny görkezýär.

Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi hem «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyna dahylly dabaralar bilen utgaşýan halkara medeni çäreleriň sanynyň artyp, geriminiň has-da giňejekdigini aňladýar.



Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly we neşir görnüşinde şahyra degişli ähli maglumatlary özünde jemleýän «Magtymguly Pyragy ensiklopediýasyny» hem-de has doly we kämil derejede «Magtymguly Pyragy diwanyny» taýýarlamak, şahyryň şygyrlaryny daşary ýurt dillerine terjime edip, onuň ömrüne we döredijiligine degişli ylmy işleri çap etmek, edebi mirasyny toplamak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Şeýle-de, beýik söz ussadynyň watançylyk we millilik babatyndaky ýörelgelerini ýaşlaryň arasynda wagyz etmek maksady bilen, dokumental hem-de çeper filmleri döretmek, teleradioýaýlymlarda gepleşikleri taýýarlamak işlerine aýratyn üns berilýär.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# GYZ BESLENER KÜMÜŞ BILEN

Türkmen gelin-gyzlarynyň gözelligine gözellik goşýan, ussat zergäriň ussahanasynda sünnälenen şaý-sepleriň milli gymmatlyk derejesine ýetendigini bütin dünýä ykrar edýär. Olaryň biri-birine meňzemeýän döreýiş, ýasalyş, ulanyş taryhy türkmen halkynyň irki döwürlerinden bäri islendik gymmatlygy estetik taýdan ussatlyk bilen görkezip bilmek başarjaňlygyndan habar berýär.

XIX-XX asyrlarda kümüşçiler türkmen zenanlaryň diňe bir boýunlaryny we eginbaşlaryny şaý-sepler bilen bezemän, eýsem, olaryň başgaplaryny hem kümüş şaýlar bilen zynatlapdyrlar.

Bu topara degişli milli bezeg şaý-sepler täsin, özboluşly we köp görnüşli bolup, olar, esasan, gelin-gyzlaryň başgaplaryny bezäpdir. Zergärler şeýle şaý-sepleri ýasanlarynda, hökmany suratda ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutupdyrlar. Ýagny gelinler başgaplaryna maňlaýlyk şaýlaryny dakynan bolsalar ýaş gyzlar tahýalaryny bezeýän şaýlaryň birnäçe görnüşlerini dakynypdyrlar. Gyzlaryň tahýalaryna gupba, çekelik, ýeňselik, şakäkil, teneçir, sümsüle, alynşaý, akdyrma ýaly şaý-sepler dakypdyrlar. Şol bezegleriň ählisi kümüşden ýasalyp, olaryň iň naýbaşysy gupba şaýydyr.

Türkmenlerde dört, bäş ýaşly gyzjagazlaryň tahýasyna her hili kümüşden asmalar, dürli kümüş teňňeler, şaýylyklar, düwmeler, monjuklar, tumarlar, dogajyklar ýaly şaýlar dakylypdyr. Şeýle bezegli tahýalara ene-mamalarymyz «kümüşli börük» diýipdirler. Owadan keşdelenen we kümüş şaýlar dakylan tahýalar gyzlaryň toý-dabaralara geýilýän lybaslarynyň bir bölegi bolupdyr.

Gyzlar gupbany çagalykdan başlap, tä durmuşa çykýançalar dakynypdyrlar. Gyzjagazlar üç-dört ýaşyna ýetenlerinde, olaryň tahýalarynyň depesine gupbanyň şelpesiz, ýönekeý görnüşini dakypdyrlar. Gyzlar ýedi-sekiz ýaşyna ýetenlerinde bir gat şelpeli gupba dakynypdyrlar.

Gyzlar hiç hili şelpeleri bolmadyk gupbalardan başlap, iki gatly, kähalatlarda üç gatly gupbalary tahýalaryna dakypdyrlar.

Üç gatly gupbalara «agyr» gupba diýlipdir, bular ýaly gupbalar tahýanyň aşak eteginden başlanýar. Agyr gupbanyň aşaky bölegine «etek», ikinji gatyna «orta» diýlip, iň ýokarky bölegine «gupba» ýa-da «depe» diýlipdir. Agyr gupbanyň orta bölegi ýokarky gupba bilen aşaky etegini birikdiriji bolup hyzmat edýär. Bu bölek aýaklaryny jüpläp, eli bilen gupbany depesinde göterýän gyza çalym edýär. Agyr gupbanyň orta bölegi birnäçe hakyk daşy bilen bezelipdir.

Agyr gupbanyň etek şelpeleri gyz ýörän wagtynda täsin owazly seslenip, onuň sünňüne özboluşly täsir edilipdir. Halk arasynda gupbaly gyz özüni hemişe «sünňi ýeňil» duýarmyş diýilýär. Bu bolsa gyz işeňňirligine täsir edýär diýen gürrüňleriň şaýadydyr.

Irki döwürlerde gupbalar gyzlaryň özleri barada käbir maglumatlary hem beripdir. Käwagt gyzlaryň gupbasynyň gümmezine hüwiniň ýeleklerini «otaga» hökmünde berkidipdirler. Geçmişde gyzyň gupbasyna gysdyrylýan bezege karkara-da diýlipdir. Gyzlar gelinlik bellenenden soň bolsa, gupbanyň depesine laçynyň owadan ýelegini hem oturdypdyrlar. Bu otaganyň oturdylmagy gyzyň



gelinlik bellenendigini habar beripdir. Bu ýelekler gyz durmuşa çykýança gupbadan aýrylmandyr.

Gyz maşgalanyň başynyň täji hasaplanýan gupbalaryň arasynda ak gupba hem bar. Ol, esasan, toý gününde dakylýar. Şonuň üçin oňa «toý gupbasy» hem diýilýär. Gupbanyň bu görnüşiniň ýüzi gaşsyz, nagyşsyz bolup, ol sap kümüşden ýüzi haşamsyz, ýönekeýje ýasalypdyr.

Türkmen halkymyzda gupba bilen baglanyşykly geçmişden miras galan we biziň şu günlerimize gelip ýeten däp-dessurlar hem bar. Şol däpleriň biride, täze gelniň başyndan aýrylan gupbany ilki bilen baldyzyna bermek däbidir. Türkmen maşgalasynda ene-mamalarymyzdan miras galan gupbany: «Maňa-da şu gupba ejemden galan sowgat, men hem öz gezegimde saňa berýärin. Toýda dakynmak nesip etsin! Sen hem wagty gelende gyz perzendiňe sowgat berersiň» diýip, durmuşa çykarýan gyzyna sowgat berýänleri-de bar.

Türkmen şaý-sepleri türkmen medeniýetiniň, taryhynyň gyzykly hem baý sahypalaryny açýan gadymy hem müdimi senetdir. Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň hemişelik sergi zallarynda we gaznasynda XIX-XX asyrlara mahsus bolan şaý-sepleriň toplumy saklanýar, goralýar we ylmy taýdan öwrenilýär. Şeýle goralyp saklanýan şaý-sepleriň hatarynda gyzlaryň tahýalaryna dakynylýan bezeg şaýlary, gupbalary aýtmak bolar. Bu şaý-sepler görnüşi, dakylyş usullary, sebit aýratynlyklary boýunça tapawutlanýar. Şaýlaryň ählisi özüniň owadanlygy, ajaýyplygy bilen häsiýetlenýär. Bu medeni mirasymyzyň ýitip gitmezligi üçin uly işler amala aşyrylýar. Medeni mirasymyz diňe türkmen halky üçin däl, eýsem, dünýä halklary üçin hem bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklardyr.

**Akbike JUMAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň esasy hünärmeni.*

# KINO SUNGATYNY ÖWRENEN USSAT

Ir döwürler türkmen telewideniýesiniň «Miras» teleýaýlymynda ýaýlyma berilýän «Kino, kino, kino» atly gepleşik oňa tomaşa edenleriň ýadynda bolsa gerek. Şol gepleşigi gyzykly hem şowhunly edip taýýarlap alyp baran halypa kinoçy, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Gapbarguly Hümmedow baradaky ýagşy ýatlamalary okyjylara ýetirmegi makul bildik.

Gapbar aga bilen men ilkinji gezek 1999-njy ýylda Türkmen döwlet medeniýet institutynda duşuşdym. Men talyplara telewideniýede gepleşikleri taýýarlamak we alyp barmak dersi boýunça, Gapbar aga bolsa türkmen kino sungatynyň taryhy dersinden sapak berýärdi. Şondan kän wagt geçmänkä bolsa men «Türkmenfilm» kinostudiýasynda işlemeli boldum. Görüp otursam Gapbar aga hem bu ýerde işleýän eken. Şeýdip biz onuň bilen dostlaşyp gidiberdik. Maňa bu halypa kinoçydan kino sungatynyň inçe tilsimlerini öwrenmek miýesser etdi. Şeýlelikde, ikimiziň aramyzda halypa-şägirtlik ýoly başlandy. Gapbar aga açyk göwünli, örän ýumşak, işjanly, ýiti zehinli adamdy. Ol kino sungatynyň inçe syrlaryny gaty gowy bilýärdi.

Gapbarguly Hümmedow 1952-nji ýylyň 18-nji sentýabrynda Lebap welaýatynyň Kerki etrabynyň Gyzylaýak geňeşliginde dünýä inýär. Orta bilimi obalaryndaky 20-nji orta mekdepde alýar. Ol mekdepde, esasan, edebiýat bilen taryh sapaklaryna ýykgyn edýär. Çeper eserleri okamagy, kinofilmlere tomaşa etmegi oňat görýär. Ol türkmen filmleri bilen bir hatarda daşary ýurt filmlerine hem sypdyrman tomaşa eder eken.

Orta mekdebi tamamlan Gapbar Kerki şäherçesinde ýerleşýän suwaryş edarasynda işe ýerleşýär. Soňra ol Watan öňündäki gulluk borjuny berjaý etmäge gidýär.

Ol 1970-nji ýylda Aşgabadyň şol wagtky gidromelioratiw tehnikumyna okuwa girýär. Bu ýeri 1976-njy ýylda tamamlan ýaş ýetginjegiň okuwyny dowam etdirmek höwesi döreýär. Ol Moskwanyň kinematografiýa institutyna resminamalaryny tabşyrýar. Institutyň kino sungatyny öwreniş bölümi boýunça döwlet synaglaryny üstünlikli tabşyran Gapbar okuwa kabul edilýär. 1986-njy ýylda ýokary okuw mekdebini tamamlap gelen ýaş hünärmeni «Türkmenfilm» kinostudiýasyna işe kabul edýärler. Bu ýerde Gapbar kinostudiýanyň dürli bölümlerinde dürli kärlerde, wezipelerde işlemek bilen türkmen kino sungatyna ýene-de bir ýiti zehinli hünärmeniň goşulandygyny görkezýär.

Ol kinorežissýor, filmiň gurnaýjysynyň orunbasary, önümçilik bölüminiň hünärmeni, filmiň redaktory wezipelerinde işläp, şol wezipelerde özüniň ukyp-başarnygyny görkezmegi başarýar. Şondan soň ony birleşigiň edebi-esasyny düzýän bölüminiň baş redaktory wezipesine belleýärler. Gapbar aga «Türkmenfilm»-de işlän döwri birnäçe filmlere ssenariýa ýazyp, özi hem režissýor hökmünde surata düşürýär. Şol filmlerden «Gyzylaýak - meniň obam», «Goşa Japarow», «Türkmen teatry», «Raç Kapury ýatlap», «Folklor festiwaly», «Türkmenistan we dünýä kino sungaty», «Sungata bagyş edilen ömür», «Maýa Kulyýewa» ýaly hronikal-dokumental we çeper-publisistik filmler kino muşdaklary tarapyndan gyzgyn garşy alnan filmler bolupdy. Gapbar aga aktýor hökmünde-de uly bolmadyk keşpleriň birnäçesini janlandyrdy. Ol «Ýylanly ada», «Öwrüm», «Çüýşeden çykan jyn», «Nebis dert, göwün derman», «Ýyldyzlar öçmeýärler», «Ene gudraty», «Dünýä akyl ýetirmek», «Kalbymyň owazy», «Bagt guşy», «Muňa durmuş diýerler», «Şaýly gelin», «Gedaý bagşy», «Mährem Çynar» ýaly doly we gysga göwrümli çeper filmlerdäki döreden keşpleri bilen türkmen kino sungatyna öz goşandyny goşdy. Gapbar aga «Türkmenfilm» kinostudiýasynda işlän döwri ýüzlerçe filme redaktorçylyk edip, şol filmleriň şowly çykmagy üçin ukyp-başarnygyny, yhlasyny, zehinini siňdirip, kino sungatyna bütin durky bilen berlip, şol sungat bilen ýaşaýandygyny subut etmegi başardy. Ol öz iş tejribesini ýaşlara öwretmekden çetde duranokdy. Ondan kino sungaty, onuň taryhy barada kän zat öwrense bolýardy. Ol alçakdan wäşi ynsandy. Ol filmlerdäki wakalary seljerip, baha bermegiňem ussadydy. Gapbar aga kinossenariýalary önümçilige taýýarlap, surata düşürjek režissýoryň döredijiligi babatda amala aşyrýan işlerine goldaw berip ugrukdyryp goýbererdi. Ol redaktorlyk edýän filmlerine başyndan tä ahyryna çenli gözegçilik ederdi.







Gapbar Hümmedowyň esasy işiniň aşa känligine garamazdan türkmen telewideniýesiniň «Miras» teleýaýlymy boýunça ýaýlyma berilýän türkmen hem dünýä kino sungatynyň taryhy barada gepleşigiň edebi esasyny düzüp hem özüniň alyp barmagy şägirtlerini geň galdyrýardy. Ol, esasan hem, hindi dramaturgiýasyna, aktýorlaryna we olaryň durmuşlaryna, döredýän ähli filmlerine bäş barmagy ýaly beletdi. Şonuň üçinem Gapbar aganyň taýýarlaýan şol gepleşiklerine halkymyz uly höwes bilen tomaşa edýärdiler. Bular bolsa halypa kinoçynyň kino sungaty boýunça ylym-bilim alandygyny, tejribe toplandygyny we kino sungatyny bütin durky bilen söýýändigini görkezýärdi.

Gapbar aga ýurdumyzda çap edilýän gazet-žurnallarda hem makalalar bilen çykyş edýärdi. Ol, esasan, halypa teatr we kino aktýorlarynyň, ykballaryny medeniýete, sungata bagyş eden ynsanlaryň durmuş we döredijilik ýollary hakynda ýazardy. Ol esasy işiniň daşyndan birleşigiň kärdeşler arkalaşygyna-da ýolbaşçylyk edip, her ýyl dabaraly bellenip geçilýän Täze ýyl baýramçylygyny hem şowhunly edip gurap, Aýazbabanyň keşbini hem özi ýerine ýetirerdi. Işe şeýle yhlasly bolany üçin hem ol kärdeşleriniň arasynda uly abraýa eýedi. Ol uly bilen uly ýaly, kiçi bilen kiçi ýaly gürleşmegi-de başarýardy. Şeýle bolansoň ony kino işgärleriniň hemmesi sylaýardy. Gapbar Hümmedow kinostudiýada işlän döwürleri daşary ýurtlarda geçirilýän kinofestiwallara, Medeniýet günlerine gatnaşýardy.

Gapbar Hümmedow özüniň köp ýyllaryň dowamynda toplan iş tejribesini talyp ýaşlara geçirmek maksady bilen 2013-nji ýylyň oktýabr aýyndan Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyplaryna kino sungatynyň taryhy sapagyndan sapak berip başlaýar. Onuň okadan talyplary häzirki wagtda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän medeniýet ojaklarynda halka medeniýetli hyzmat edip ýörler.

Gapbar aga bir gezek gürrüňdeşlikde öz tälim berýän talyplary hakynda şeýle diýipdi:

– Men öz okadýan talyplaryma diňe pedagog hökmünde däl-de, ata gözi bilen garaýaryn. Men olara diňe bir kino sungatynyň taryhyndan däl-de, türkmen teatr hem kino sungatynda yz galdyryp giden halypa aktýorlardyr režissýorlaryň geçen ýollary hakynda-da gürrüň berýärin. Men olary talyp däl-de, öz perzentlerim ýaly eý görýärin. Şonuň üçin bolsa gerek, instituty tamamlap giden talyplarym meniň hal-ahwalym bilen gyzyklanyp, halymdan habar alyp durýarlar. Bu bolsa meniň depämi gök diredýär. Şeýle ýagdaý olara meniň öz mährimi siňdirenligimiň netijesi bolsa gerek.

Halypa kino işgäri Gapbarguly Hümmedowyň medeniýetde we kino sungatynda yhlasly çeken zähmeti göz öňünde tutulyp, 2009-njy ýylda Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri diýen hormatly at dakylýar. Esasy belläp geçmeli zatlaryň biri-de, 2022-nji ýylda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan taýýarlanan türkmen medeniýetine we sungatyna ykbalyny baglap, öçmejek yz galdyryp, özleriniň saldamly goşandyny goşan halypalaryň döredijiligi baradaky kitapda Gapbar Hümmedowyň hem ornunyň bolmagydyr. Gapbar aganyň özi hem türkmen we dünýä kino sungatynda yz goýup giden halypa kinorežissýorlaryň, kinooperatorlaryň, aktýorlaryň, kinossenariýaçylaryň döredijiligi barada maglumatlary toplap, çap üçin taýýarlamak bilen hem meşgul bolupdy.

Gapbar aga ýanýoldaşy Zülfiýa ýeňňe bilen dört perzendi, ýagny iki ogly, iki gyzy kemala getirip, durmuş ýoluna atardylar. Olaryň dört perzendinden 12 agtygy bar. Olar ykbalyny türkmen kino sungatyna bagyş eden atalaryny ýagşylykda ýatlap, buýsanýarlar.

Gapbar Hümmedow bilen Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde bile zähmet çeken, ençeme kinofilmlerde aktrisa hökmünde keşp janlandyran Ejebaý Öwezjanowa şeýle ýatlaýar:

«Gapbarguly Hümmedow türkmen kino sungatynyň taryhyna we şu gününe bäş barmagy ýaly beletdi. Ol nirede gezip ýören hem bolsa, jaň edip maslahat sorasaň, beren soragyňa ýaltanman jogap bererdi. Gapbar aga bilen diňe bir kärdeş däl, hat-da ataly gyz ýaly bolup işledik. Men bu halypadan kino sungaty barada gaty kän zat öwrendim. Olam meni edil öz gyzy ýaly görerdi. Ol hatda meniň döredijilik we durmuş ýolum barada makalada ýazypdy. Men elmydama, haýsy filmde işlemeli ýa-da keşp janlandyrmaly bolsam ondan maslahat soraýardym».

Halypa kinoçy Gapbarguly Hümmedow 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda aradan çykdy. Bu päk ýürekli ynsan ony tanaýanlaryň, kärdeş ýoldaşlarynyň, talyplarynyň ýüreklerinde hemişelik ýaşar. Çünki ýagşy adam ýatdan çykmaýar.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Dünýä söwdasy artdy.** 2023-nji ýylda elektrik ulaglarynyň söwdasy dünýäde 31% artdy diýip, Britaniýanyň seljeriş kompaniýasy habar berdi.



Bazary seljerijileriň pikirine, 2024-nji ýylda söwdalaryň derejesi 5% azalar. Habarda häzirki wagtda dünýäde, takmynan, 4 million elektroulagyň bardygy bellenilýär.

**Täze sanawyny yglan etdi.** «Henley & Partners» halkara konsalting kompaniýasynyň täze sanawynda Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Ýaponiýa, Singapur we Ispaniýa iň güýçli pasportly ýurtlar diýlip ykrar edildi.



Bu ýurtlaryň raýatlary 194 ýurda wizasyz baryp bilýärler. Ikinji orunda 193 wizasyz ugur bilen Finlýandiýa, Koreýa Respublikasy we Şwesiýa gelýär.

**Keseli kesgitleýän «aýna».** Kanadanyň «NuraLogix» kompaniýasy adamyň ýüzüni gözden geçirip, alnan maglumatlaryň esasynda onlarça keseliň alamatlaryny kesgitleýän «Anura MagicMirror» atly «jadyly aýnasyny» tanyşdyrdy.



Şeýle hem enjam adamyň ruhy ýagdaýyny kesgitläp, göwnüçökgünlik alamatlaryny ýüze çykarýar.

**Ilkinji giperulagyny görkezer.** «Red Bull» topary ilkinji giperulagynyň öndüriljek möhletini üýtgetdi.



Awtoulagyň ilkinji gezek görkeziljek senesi bir ýyl öňe süýşdi, ýagny ol şu ýyl görkeziler diýip, «Red Bull Advanced Technologies» bölüminiň başlygy Kristian Horner «Sky Sports» bilen söhbetdeşlikde aýtdy.

**Dury displeýli täze awtoulag.** LG kompaniýasy «Alpha-able» atly täze ulagyny hödürledi.



Nusgalyk ulag birnäçe dury çeýe displeý bilen enjamlaşdyrylypdyr. Kompaniýa geljekki ulaglarynyň içiniň nähili bolmalydygy baradaky göz öňüne getirmesini hödürledi.

**«Apple»-den öňe geçdi.** Tehnologiýa ägirdi «Microsoft» dünýädäki iň gymmat kompaniýalaryň sanawynda «Apple»-den öňe geçdi.



«Microsoft» kompaniýasynyň paýnamalary NASDAQ söwda biržasynda 1,5% ýokarlandy. Netijede, kompaniýanyň bazar bahasy 2,888 trillion dollara ýetdi.

**Mikroplastigiň zyýany.** Halkara alymlar topary mikroplastigiň topraga ýetirýän zyýanyny anykladylar.



Netijeler mikroplastigiň möçberiniň topragyň häsiýetini ep-esli üýtgedýändigini görkezdi. Şeýle-de, ösümlikler mikroplastigi özüne siňdirýärler. Netijede, bölejikleriň iýmit zynjyrlaryna birleşip, bedene düşüp biljekdigi anyklandy.

**Dünýäniň iň garry türgeni.** ABŞ-nyň Ýuta ştatynyň 92 ýaşly ýaşaýjysy suw lyžasynda typan iň garry türgen hökmünde resmi taýdan ykrar edildi.



Bu barada Ginnesiň rekordlar kitabynyň metbugat gullugy habar berýär. Dwan Ýakobsen sportuň bu görnüşi bilen 1961-nji ýyldan bäri meşgullanýar.

**Maýkl Jekson barada film dörediler.** «Popsazyň şasy» Maýkl Jekson hakynda «Maýkl» atly terjimehal film 22-nji ýanwarda surata düşürilip başlanar, ýöne döredijiler köpden bäri garaşylýan filmiň goýberiljek senesini eýýäm mälim etdiler.



«Deadline»-yň maglumatlaryna görä, onuň ilkinji görkezilişi 2025-nji ýylyň 18-nji apreline meýilleşdirilýär.

**Bäsleşikde ýeňiji boldy.** ABŞ-nyň Harby-howa güýçleriniň 22 ýaşly kiçi leýtenanty Medison Marş Florida ştatynyň Orlando şäherinde geçirilen «Miss Amerika 2024» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy.



Medison Marşyň ýurduň harby-howa güýçleriniň taryhynda «Amerika gözeli» adyna eýe bolan ilkinji serkerde bolandygy bellenilýär.

## DANIÝANYŇ TÄZE PATYŞASY

**14-nji ýanwarda Daniýany 52 ýyl dolandyran Margrete II tagtdan çekilenden soň, Frederik X ýurduň täze Patyşasy boldy. Margrete II Kristiansborg köşgünde geçirilen dabarada tagtdan çekilýändigi baradaky karara gol çekdi. Şondan soň onuň ogly Frederik ýurduň täze monarhy boldy.**

**Daniýanyň Şa zenany Margrete II, Täze ýyl ýüzlenmesinde, 2024-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda tagtda bolmagynyň 52 ýyllygynda wezipesinden çekiljekdigini habar beripdi. Şonda 83 ýaşly Şa zenan tagty öz ogly, mirasdüşer şazada Frederike tabşyrjakdygyny mälim edipdi.**

**Mundan öň Daniýanyň Kristiansborg köşgi Şa zenan Margrete II Daniýanyň taryhynda özünden öňküleriň ählisinden has uzak wagtlap tagtda bolandygyny habar beripdi.**

**Daniýanyň Premýer-ministri Mette Frederiksen köşgüň balkonyndan Frederik X Patyşa diýip yglan etdi. Şeýle hem ol Şa zenan Margrete 52 ýyllyk hökümdarlygy üçin hoşallyk bildirdi. Mundan başga-da, Daniýanyň Patyşasy Frederik X flotyň admiraly, ýurduň gury ýer we harby-howa güýçleriniň dört ýyldyzly generaly derejesine eýe boldy.**



**Margrete II ýurduň soňky 900 ýyllyk taryhynda tagtdan meýletin çekilen ilkinji monarh boldy. Köşgüň golaýyndaky meýdançadan müňlerçe daniýaly Onuň Alyjenaby Frederik X hem-de aýaly Mariýany we çagalaryny mübäreklediler. Olaryň 18 ýaşly uly ogly Kristian resmi taýdan Daniýanyň şazadasy boldy.**

## HALKARA YKDYSADY FORUM GEÇIRILDI

15-19-njy ýanwar aralygynda Şweýsariýanyň Dawos şäherinde Bütindünýä ykdysady forumy (WEF) geçirildi. Maslahata 60-dan gowrak döwlet we Hökümet baştutany, şeýle hem ýüzlerçe işewür gatnaşdy. Foruma BMG, BSGG, HPG ýaly guramalaryň ýolbaşçylary we hökümete degişli bolmadyk 40-a golaý guramanyň wekilleri gatnaşdy. Olaryň arasynda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron, Ukrainanyň Prezidenti Wladimir Zelenskiý, Hytaýyň Premýer-ministri Li Sýan, ABŞ-nyň Döwlet sekretary Entoni Blinken ýaly syýasatçylar, Ýewropa Merkezi bankynyň başlygy Kristin Lagard, Halkara Pul Gaznasynyň başlygy Kristalina Georgiýewa we Germaniýanyň maliýe ministri Kristian Lindner ýaly maliýe edaralarynyň ýolbaşçylary bar.

«Bölünen dünýäde howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk», «Täze döwürde ösüşi we iş orunlaryny döretmek», «Ykdysadyýetde we jemgyýetde hereketlendiriji güýç hökmünde emeli aň», «Howa boýunça uzak möhletleýin strategiýa, tebigat we energiýa» maslahatyň esasy temalary boldy.

– Bu biziň «Ynamy dikeltmek» şygary bilen guraýan 54-nji ýyllyk maslahatymyz bolup, ol soňky onýyllyklaryň



iň kyn geosyýasy we geoykdysady fonunda geçirilýär. Biz bu duşuşykda dünýäde bolup geçýän wakalary göz öňünde tutup, gyssagly ýagdaýda ynamy dikeltmäge tagalla etmeli – diýip, Bütindünýä ykdysady forumynyň başlygy Borge Brende belledi.

Nemes ykdysadçysy Klaus Şwab tarapyndan esaslandyrylan forum Ýewropa kompaniýalarynyň dolandyryjylyk işlerini kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Gurama 1987-nji ýylda häzirki adyna eýe bolýar, 2015-nji ýylda bolsa, halkara gurama hökmünde ykrar edilýär. Dawosda 1971-nji ýyldan bäri geçirilýän Bütindünýä ykdysady forumynda adamzat jemgyýetiniň ykbalyna gönüden-göni täsirini ýetirýän wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Dünýäniň sosial-ykdysady ýagdaýynyň has-da gowulanmagy, iri ykdysady we syýasy bileleşikleriň, aýry döwletleriň, korporasiýalaryň, kompaniýalaryň bähbitleriniň gabat gelmegi forumyň iň esasy maksady bolup durýar. Islendik meseläni resmi däl ýagdaýda maslahatlaşmak mümkinçiligi forumyň iň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Ştab-kwartirasy ýurduň Koloni şäherinde ýerleşýän foruma gatnaşýan döwletleriň sany artýar. Häzirki wagtda dünýäniň dürli ýurtlarynyň müňden gowrak kompaniýalary we guramalary bu forumyň agzasy bolup durýarlar. Şeýle hem guramanyň hünärmenleri dürli ýurtlaryň bäsleşige ukyplylygy baradaky hasabatlary her ýylda mälim edip durýarlar. Onuň býujeti foruma gatnaşyjylaryň geçirýän agzalyk gatançlarynyň we serişdeleriniň hasabyna döredilendir.

## OECD-e goşulmak üçin ýüz tutdy

Indoneziýa Respublikasy Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasyna (OECD) girmek maksady bilen ýüz tutandan soň, agza ýurtlar bu meselä seredip başladylar. Bu barada guramanyň Baş sekretary Matias Korman «Nikkei Azia» neşiri bilen söhbetdeşlikde mälim etdi.

– Biz goşulmak baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin Indoneziýadan resmi haýyş alandygymyza hoşallygymyzy bildirýäris – diýip, Baş sekretar dünýä ykdysadyýetinde möhüm rol oýnaýandygy sebäpli, Indoneziýanyň guramanyň işine uly goşant goşup biljekdigini aýtdy. Korman Indoneziýanyň arzasyna seredilişiniň gidişi barada jikme-jik maglumat bermedi.

Şu wagta çenli Aziýa döwletlerinden diňe ikisi – Koreýa Respublikasy bilen Ýaponiýa OECD-iň agzalarydyr. Neşiriň bellemegine görä, Indoneziýa sebitdäki beýleki ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösmegine goşant goşjak bu gurama goşulan üçünji Aziýa döwleti bolup biler. Kormanyň aýtmagyna görä, Tailand OECD-e goşulmak mümkinçiligini işjeň ara alyp maslahatlaşýar. Wýetnam, Singapur we Filippinler ýaly Günorta-Gündogar Aziýanyň beýleki birnäçe ýurtlary bolsa, bu gurama bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýärler.

– Indoneziýanyň ykdysady we sosial syýasatyň möhüm ugurlarynda OECD-niň ülňülerine laýyk gelmäge tagallalary tutuş Günorta-Gündogar Aziýa sebitine gaty uly täsir eder diýip pikir edýärin – diýip, ol belledi.

OECD ösen ýurtlaryň halkara ykdysady guramasy bolup, onuň maksady ykdysady abadançylygy ýokarlandyrmaga gönükdirilen syýasaty işläp




düzmekden ybarat. Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy erkin bazar ykdysadyýeti ýörelgelerini ykrar edýän ösen ýurtlaryň halkara ykdysady guramasydyr. Gurama 38 döwleti öz içine alýar.

Gurama Marşalla meýilnamasynyň çäginde Ýewropanyň ykdysady taslamalaryny utgaşdyrmak maksady bilen 1948-nji ýylda Ýewropanyň ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy ady bilen döredildi. Guramanyň ştab-kwartirasy Parižde ýerleşýär. OECD-iň dolandyryş edarasy guramanyň agza ýurtlarynyň wekilleriniň geňeşidir. Ondaky ähli kararlar ylalaşyk esasynda kabul edilýär.

## Emeli adalardan diwar gurlar

Indoneziýanyň paýtagty Jakarta şäheriniň töwereginde «Uly deňiz diwary» gurlar. «Bloomberg»-iň habar berşi ýaly, munuň netijesinde häkimiýetler Jakartany suw joşmalaryndan halas etmäge bil baglaýarlar. Bu desga ýurduň demirgazyk kenarlarynda gurlup, umumy uzynlygy 24 kilometre barabar bolan 17 sany emeli adadan ybarat bolar.



Indoneziýanyň Ykdysady meseleler boýunça utgaşdyryjy ministri Airlangga Hartarto gurluşygyň 2040-njy ýyla çenli alnyp baryljakdygyny we üç tapgyrda geçiriljekdigini habar berdi. Ýöne ýurduň Goranmak ministrligi gurluşygyň 40 ýyla çekjekdigini aýtdy. Ilkinji iki tapgyrda, takmynan, 10,5 milliard dollar gerek boljakdygy çaklanylýar.

Indoneziýada bu taslama barada 10 ýyldan gowrak wagt bäri pikir alşylýar. Şol bir wagtyň özünde, Jakarta suw joşmalaryň howpy abanýan megapolis hökmünde hasaba alyndy. Şäher her ýyl 25 santimetr çökýär, daşgyn suwlary sebäpli suw joşmalary 200 santimetr ýokarlanýar. Ýollary suw basmagy döwlet üçin örän gymmada düşüp, tebigy hadysalar üçin hökümet her ýyl onlarça milliard dollar sarp edýär. Çaklamalara görä, ýakyn 10 ýylda suw joşmasy has artyp, 2050-nji ýyla çenli şäheriň üçden bir böleginiň suw astynda galjakdygy çaklanylýar.

Deňiz diwaryndan başga-da, ýerasty suwlaryň çykarylmagyny çäklendirmek Jakartanyň suw basmasyny haýallatmaga kömek edip biler. Häzirki wagtda Ýawa adasyndaky paýtagty Borneo adasynda Nusantara ady bilen gurulýan şähere göçürmek üçin işler geçirilýär. Meýilnama görä, paýtagtyň täze şähere göçürilmegi netijesinde, Jakartada ilatyň gürlügi, ýol dyknyşygy we sil basmagy ýaly tôwekgelçilikler azalar.

Indoneziýanyň Prezidenti Joko Widodo 2019-njy ýylda paýtagty göçürmek meýilnamasy barada yglan edipdi. Bu maksatlar üçin, takmynan, 32 milliard dollar bölünip berildi, ýöne koronawirus pandemiýasy sebäpli taslama yza süýşürildi.

## TRAMPYŇ AÝOWADAKY ÝEŇŞI

16-njy ýanwarda ABŞ-nyň Aýowa ştatynda Respublikan partiýasyndan Prezidentlige dalaşgärler üçin geçirilen ses berişlikde öňki döwlet Baştutany Donald Tramp sesleriň 50%-den gowragyna eýe bolup, ýeňiş gazandy. Florida ştatynyň gubernatory Ron Desantis ikinji, ABŞ-nyň BMG-däki öňki hemişelik wekili Nikki Heýli üçünji orny eýeledi. Aýowa ştaty saýlawdan öňki ses berişlik geçiren ilkinji ştatdyr. Bu syýasy çäre Respublikan partiýasynyň dalaşgärleriniň geljekki saýlawlara taýýarlygynyň synagy hasaplanýar. ABŞ-da nobatdaky Prezident saýlawlary şu ýylyň 5-nji noýabrynda geçiriler.



Bu saýlawlar ABŞ-nyň taryhynda 60-njy Prezident saýlawlary bolar. Geçen ýylyň 25-nji aprelinde häzirki Prezident Jozef Baýden öňde boljak syýasy çärä öz dalaşgärligini yglan etdi.

ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, Prezident wezipesine ýaşy 35-den ýokary bolan, bu ýurtda azyndan 14 ýyl ýaşan ABŞ-nyň raýaty dalaşgär bolup biler. Dalaşgärler, düzgün boýunça içerki partiýa saýlawlarynyň netijeleri esasynda öz syýasy partiýalary tarapyndan ýa-da öz-özüni görkezmek arkaly hödürlenýär. Saýlanan Prezidentiň kasam kabul edişlik dabarasy 2025-nji ýylyň 20-nji ýanwaryna meýilleşdirilýär.



## UMMANLARYŇ ÝYLYLYGY ARTÝAR

2023-nji ýylda ummanlaryň ýylylygy täze rekord goýdy. Bu barada «Advances in Atmospheric Sciences» žurnaly habar berýär. Dünýäniň ylmy barlag institutlarynyň 17-siniň alymlary şeýle netijä geldiler. Barlag geçiren ýurtlaryň arasynda Hytaý, Fransiýa, Italiýa, ABŞ we Täze Zelandiýa bar.

Şeýlelikde, alymlar 2023-nji ýyl ummanlarda iň yssy ýyl boldy diýen netijä geldiler hem-de ummanlaryň suwunyň gyzmagynyň deňiz suwunyň kislorod mukdarynyň azalmagyna sebäp bolup biljekdigini, munuň bolsa deňiz ekoulgamyna zeper ýetirjekdigini bellediler. Mundan başga-da, ummanlaryň temperaturasynyň üýtgemegi howanyň ýaramazlaşmagyna hem-de güýçli tupan we suw joşmalaryna sebäp bolup biler.

Barlag geçirijileriň pikirine, dünýä ummanlarynyň gyzmagy, asyryň dowamynda has erbetleşjek gutulgysyz prosesdir. Makalany neşir eden Hytaý Ylymlar akademiýasynyň Atmosfera fizikasy institutynyň barlag geçirijisi Çen Liszin howanyň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak üçin çaklama we öňünden duýduryş ulgamlaryny kämilleşdirmegiň zerurdygyny öňe sürýär.

## DUBAÝ ÝENE ÖŇDE BARÝAR

**Dubaý yzly-yzyna üçünji ýyl «Tripadvisor Travelers' Choice: Best of the Best Destinations» sylagyna mynasyp boldy. «Tripadvisor» ýeňijini kesgitlemekde 2022-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan 2023-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli myhmanhanalara, restoranlara, güýmenje ýerlerine berlen synlaryň hili we mukdary ýaly ölçegleri göz öňünde tutup, millionlarça syýahatçylaryň bahalaryna hem-de synlaryna esaslanýar.**

**Gozgalmaýan emläk boýunça konsalting kompaniýasy «Sawills» 2023-nji ýylda «Executive Nomad Index 2023» sanawynda uzak aralykdan işlemek boýunça Dubaýy iň gowy 20 şäheriň hataryna goşdy. Şeýle hem «Euromonitor International»-yň geçen ýylky şäher sanawynda Dubaý dünýäniň iň meşhur ikinji şäheri diýlip yglan edildi. Mundan başga-da, Dubaý Ýaponiýanyň «Mori Memorial Foundation» instituty tarapyndan düzülen abraýly «Global Power City Index 2023»-iň iň gowy 10 şäheriniň hataryna girdi. Şeýle-de, şäherleriň we ýurtlaryň iň uly maglumat bazasy bolan «Numbeo»-nyň sanawynda BAE 2023-nji ýylda howpsuzlyk boýunça dünýäde ikinji orunda durýar.**

**Bu ajaýyp üstünlikler, 200-den gowrak dürli millete özboluşly mümkinçilik hödürleýän, abadan durmuş babatda dünýäniň öňdebaryjy merkezi hökmünde Dubaýyň özüne çekijiligini tassyklaýar, ýokary howpsuzlyk ülňüleri bolsa, syýahatçylaryň şäherde dynç almagyny üpjün edýär.**

**Dubaýyň Ykdysadyýet we syýahatçylyk ministrliginiň maglumatlaryna görä, 2023-nji ýylyň ýanwar-noýabr aýlary aralygynda Dubaýa 15 million 37 müň daşary ýurtly syýahatçy gelipdir, bu 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 20% köp. Bu tendensiýa, işewürlik, dynç alyş, syýahatçylyk, ýaşaýyş we işlemek üçin dünýäniň öňdebaryjy üç şäheriniň biri hökmünde öz ornuny berkitmäge gönükdirilen Dubaýyň ykdysady strategiýasyna laýyk gelýär.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1966-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda Indira Gandi Hindistanyň Premýer-ministri bolýar. Ol 1966-njy ýyldan 1977-nji ýyla çenli, soň bolsa 1980-nji ýyldan 1984-nji ýyla çenli ýurduň Premýer-ministri bolup işledi. Indira Gandi kakasynyň şahsy sekretary, garaşsyz Hindistanyň ilkinji Premýer-ministri boldy we Jawaharlal Nerunyň daşary ýurtlara eden saparlaryna ýany bilen gidipdi.**



## TOKAÝLARYŇ ÇAPYLMAGY 50% AZALDY

**Amazon jülgesinde tokaýlaryň çapylmagy 2023-nji ýylyň ahyryna çenli 50% azaldy. Bu barada Braziliýanyň Daşky gurşaw we howanyň üýtgemegi boýunça ministrligi tarapyndan habar berildi.**

**«Tokaýlaryň çapylmagynyň azalmagy Braziliýanyň Pariž şertnamasyna ygrarlydygyny we howanyň üýtgemegine garşy göreşde ýurduň öňdebaryjy ornuny tassyklaýar» diýlip, ministrligiň beýanatynda bellenilýär.**

**«Geçen ýylyň ýanwar-noýabr aýlary aralygynda tokaýlaryň çapylmagynyň 50,5% azalmagy Prezident Luis Inasiu Lula da Silwanyň ýolbaşçylygyndaky hökümet we guramalar tarapyndan kabul edilen çäreleriň netijesidir» diýlip, beýanatyň dowamynda bellenilýär.**

**Mundan başga-da, agaçlaryň çapylmagynyň depgininiň azalmagynyň 250 million tonna kömürturşy gazynyň atmosfera goýberilmeginiň öňüni alandygy bellenildi. Braziliýanyň häkimiýetleri ýurtda zyýanly gazlaryň ýarysynyň tokaýlaryň ýok edilmegi sebäpli emele gelýändigini aýdýarlar. Lula da Silwa öz gezeginde 2030-njy ýyla çenli tokaýlaryň ýok edilmeginiň doly öňüni almaga söz berdi.**

**Braziliýanyň öňki Prezidenti Žair Bolsonarunyň döwründe Amazon jülgesinde tokaýlaryň çapylmagy rekord derejä ýetipdi. Hususan-da, 2022-nji ýyla çenli tokaýlaryň çapylmagy taryhy derejä ýetdi. Diňe 2022-nji ýylyň ilkinji alty aýynda tokaýlaryň azalmagy 3 müň 980 inedördül kilometre ýetdi.**

**2023-nji ýylyň ýanwar aýynda işe başlan Lula, geçen ýyl 277 müň gektar goralýan çäkleri döredip, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin dürli çäreleri gördi.**





# 19-njy ýanwar – MILLI PATRAK GÜNI

Her ýylyň 19-njy ýanwarynda Milli patrak güni bellenilip geçilýär. Patrak taýýarlamak amerikalylaryň milli däp-dessurlarynyň bir bölegi bolup, baýramçylyklarda, dabaralarda we filmlere tomaşa edilende uly höwes bilen iýilýär. Adamzat taryhynda irki döwürlerden bäri mekgejöwen dänesi oda gömlen, gaýnadylan we gowrulan görnüşinde taýýarlanypdyr.

Ata Watany Meksika hasaplanýan mekgejöweniň dünýäde 200 töweregi görnüşi bar. Mekgejöwen sarp edilişi boýunça bugdaýdan we şalydan soň üçünji orunda durýar. Hasyly bilen atdaş bu ösümligiň halk arasyndaky ýörgünli ady «mekge» bolup, gaýnadylyp ýa-da gowrulyp iýmekden başga-da, nahara, süýjüliklere we işdäaçarlara hem goşulýar. Mekgäni köze gömüp iýmek däbi amerikan medeniýetiniň irki döwürlerinden gözbaş alyp gaýdýar. Däneler pop-pop edip ses çykaryp, akja ýyldyzlar közüň arasyndan atylypdyr. Muny Amerika göçüp gelen taýpalar «popkorn» diýip atlandyrypdyrlar. «Popkorn» sözi biziň dilimize «patrak» diýip geçipdir. XVI asyrda patrak Ýewropa we Gündogar ýurtlaryna ýaýrap başlaýar. Şol döwürde adamlar milli däp-dessurlaryň bellenýän günlerinde süýtli mekgäni çişe düzüp, közde bişirip iýýän ekenler. Mekgejöwen dänesiniň ähli görnüşinden patrak taýýarlap bolmaýar. Patrak mekgejöweniň ownuk däneli pop sortundan taýýarlanypdyr. Mekgäniň bu görnüşiniň düzüminde köp mukdarda suw saklanýar.





### PATRAK NÄHILI TAÝÝARLANÝAR?

Patrak taýýarlamak üçin aýratyn şert hökman däl. Öňler patrak taýýarlamak üçin gazanda gyzdyrylan duz ýa-da çägäniň ulanylandygyna garamazdan, muny aşhana şertinde ýagda hem aňsatlyk bilen taýýarlap bolýar. Munuň üçin agzy aýna gapakly ýalpak saja biraz ýag aýlamaly. Ýag gowy gyzandan soň bir gysym mekge dänesini salyp, gapagyny ýapmaly. Az salymdan soň sajyň içi patrakdan dolar. Soňra sajy pejiň üstünden aýryp, patragy gaba salmaly. Ýene-de sajy gyzdyryp, şol tertipde patrak taýýarlabermeli. Eger-de duzly patrak halaýan bolsaňyz, duzuň üstüne azajyk suw guýup, şerebe taýýarlamaly. Soňra şerebäni gowurmak isleýän dänämiziň üstüne guýup, mazaly bulamaly. Duzly suw dänelere siňip, çygy çekilenden soň, patrak bişirmäge başlabermeli.

Däneleriň ýarylyp patraga öwrülmegi 200 dereje gyzgynlykda bolup geçýär. Däneler gowrulanda suw bugarýar we içindäki krahmal ýelmeşýär. Ýokary gyzgynlyk sebäpli, dänäniň gabygy ýarylýar we krahmal ak reňke öwrülip, patrak emele gelýär. Dänäniň patraga öwrülmegi täsin tebigy hadysalaryň biridir. Patrak B we E witaminlere baý iýmit bolup, adam bedenini zerur bolan antioksidantlar bilen üpjün edýär. Patrak dünýäde güýmenje hökmünde iň köp iýilýän iýmitleriň biri hasaplanýar.

### GYZYKLY MAGLUMATLAR

☑ Çikago göçüp gelen Çarlz Kretors ýerli halkdan patrak taýýarlamagy öwrenip, 1885-nji ýylda gaz bilen işleýän mekgejöwen maşynyny işläp düzýär. Çarlz Kretors üsti saýawanly, paýtuna meňzeş mehanizmde aýlanyp, pyýadalara we kino görýänlere popkorn taýýarlap beripdir.

☑ 1981-nji ýylda «General Mills» amerikan korporasiýasy mikrotolkun patrak haltajyklaryna patent alýar. Mikrotolkun haltajyklar patrak taýýarlamagy has-da ýeňilleşdirýär. 1 käse mekgejöwen dänesini haltajyga salyp, agzyny ýapyp, mikrotolkun peçde 200 derejede gyzdyrmaly. Az salymdan haltajygyň içi patrakdan dolýar.

☑ 1988-nji ýyldan bäri bellenilýän Milli patrak güni 2003-nji ýylda 31-nji ýanwardan 19-njy ýanwara geçirilýär.

☑ 1800-nji ýyllarda Amerikada patrak iň meşhur iýmitleriň birine öwrülýär. Patrak duzly, ýagly we karamelli görnüşde taýýarlanylýar.

Täsin syýahat

# Ak aýylaryň şäherine AWTOBUSLY GEZELENÇ

**Soňky ýyllarda syýahatçylyk ösen pudaklaryň birine öwrüldi. Islendik ýurda syýahata baranyňda haýsydyr bir täsin zada, üýtgeşik gezelenç ugurlaryna we özboluşly tebigy gözelliklere duş gelmek bolýar. Mysal üçin, Şri-Lankada piliň üstüne münüp çaý meýdanlaryna, tokaýa gezelenç etmek, Şweýsariýada finikulýar otla münüp, gyş şypahanalaryna barmak, dagyň depesinde lyžaly gezelençleri guramak, Hytaýda daga ýapyşyp duran lift bilen beýiklige galyp, «Awatar» filminiň gaýalarynda aýlanmak, Transsibir demir ýoly arkaly 1 hepdäniň dowamynda ýurduň dürli şäherlerine gezelenç etmek we ş.m.**

Şeýle täsin gezelençleriň biri hem «polýar aýylaryň paýtagty» hasaplanýan Çerçill şäherinde guralýan ak aýy syýahatydyr. Kanadada Çerçilliň golaýyndaky çölde gyş paslynyň gelmegi bilen garly meýdanlar emele gelýär. Sentýabr aýyndan noýabr aýyna çenli Hudson aýlagynyň kenarlary, Labrador ýarym adasyndaky Torngat daglary we Demirgazyk-günbatar geçelgesi owadan gyş manzaryna bürenýär.





Bu ýerlerde polýar aýylarynyň sürülerine duş gelmek bolýar. 30 ýyldan gowrak mundan öň başlanan ak aýy gezelenjine ýolbaşçylyk edýän ýolbelet Dug Ross şeýle belleýär: «Syýahatçylaryň köpüsi bu ýere gelmäge uly gyzyklanma bildirýär. Hudson aýlagynyň akymlary ak aýylary şu kenara (Çerçill şäherine) alyp barýar. Tomusda deňiz buzy erände bu jandarlar iýmit gözläp kenara göçýärler».

Agramy 600 kilogramdan gowrak bolan ýyrtyjy jandarlaryň arasynda gezelenç etmek üçin ýörite syýahatçylyk awtobusy işlenip düzülipdir. Şäheriň tundra meýdanlarynda arkaýyn hereket edip bilýän awtobusyň beýikligi 6 metre golaý bolup, uzynlygy 20 metr töweregi. Awtobusyň 6 sany uly tigri ýolsuz ýerden ýöremäge, polýar aýylaryny ýokardan synlamaga mümkinçilik berýär. Awtobusyň içine kaşaň oturgyçlar, şeýle hem ýyladyjy enjamlar ornaşdyrylypdyr. Awtobusyň yzynda üsti açyk balkon göz öňünde tutulyp, borty polýar aýylary synlamak üçin gözenekli edilip ýasalypdyr. Syýahatçylar 850 müň gektar meýdany tutýan Çerçill ýabany tebigaty dolandyrmak sebitinde gezelençde bolup, ak aýylary ýakyndan synlap, gyzykly wakalaryň şaýady bolýarlar. Gezelenjiň dowamynda syýahatçylara bir käse gyzgyn çorba, polýar aýylary barada gysga filmler we gijeki görkeziş çäreleri hödürlenýär. Uly ak aýy syýahatynyň dowamynda aýylardan başga-da, karibuny, polýar towşanyny, arktika we gyzyl tilkini ýakyndan synlap, guşlaryň 225 görnüşine duş gelmek bolýar.

# Eliňizi sowukdan goraň!

**Gyş paslynda sowuk howa sebäpli eliň derisiniň guramagyna ýa-da zeper ýetmegine duş gelinýär. Adam köp işi eli bilen ýerine ýetirensoň, howanyň sowuklygy ýa-da çyglylyk has köp täsir edýär. Bilermenler gyş paslynyň gelmegi bilen eliň öňküden has köp tebigy täsirlere sezewar bolýandygyny belläp, käbir usullary ulanmagy maslahat berýärler.**



☑ Gyş paslynda eliňizi ýygy-ýygydan ýuwmakdan saklanmaly we mazaly guratman açyk howa çykmaly däl. Sowuk howa, aýazly şemal gury ele görä, çygly ele has çalt zeper ýetirýär. Eliňizi ýuwanyňyzda, esasan, ýagly sabyny we derini guratmaýan arassalaýjy serişdeleri ulanmaly.

☑ Gyş paslynda eliňizi sowuk suwa däl-de, ýyly suwa ýuwmaly. Ýyly suw deriniň ýarylmagynyň we kesmek emele gelmeginiň öňüni alýar.

☑ Agşam ýatmazdan hem-de irden öýden çykmazdan öň düzüminde E witamini bolan nemlendiriji kremleri ýa-da zeýtun ýagyny ele çalmak hem sowukdan goranmakda peýdaly usullaryň biridir.

☑ Aşhanada nahar taýýarlananda, gök önümler arassalananda ýa-da arassaçylyk işleri geçirilende ellik geýmegi ýatdan çykarmaly däl. Esasan hem, arassaçylyk işleri geçirilende derini gyjyndyryjy maddalaryň öňüni almak maksady bilen hökman ellik geýmeli.

☑ Gyş paslynda howa şertine görä geýinmeli. Esasan hem, çyg geçirmeýän ýyly ellik geýmeli.

☑ Howanyň sowuk günlerinde iň köp duş gelýän deri keselleriniň biri hem ekzema bolup, eliň derisinde ýygy-ýygydan duş gelýär. Eliňizi aşa köp ýuwmak, sowuk suw, guradyjy sabyn we himiki maddalar ulanmak ekzema sebäp bolýar. Deridäki guraklygyň öňüni almak üçin eliňizi ýygy-ýygydan ýuwmakdan saklanmaly. Şeýle hem ekzema garşy melhemleri ulanmaly. Munuň üçin maşgala lukmany bilen maslahatlaşmagy hem-de deri lukmanyna ýüz tutmagy ýatdan çykarmaly däl.

## ÇAGALAR

**Düzümindäki minerallara baglylykda gar 0-dan -48 dereje aralykda doňýar. Howa -15 derejeden pes bolanda duz buzy has çalt eredýär.**

# «Çapaýynmy, çapmaýynmy?!»




Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda bir odunçy goja bar eken. Ol kiçijik pagsa (palçykdan salnan) tamynda aýaly bilen agzybir ýaşaýan eken. Günlerde bir gün goja hemişekisi ýaly, odun çapmaga gidýär. Tokaýa baryp, işe başlajak bolup durka, agaçlaryň arasyndan pyşyrdy eşidilýär. Odunçy ýaňky sesi diňläp durýar. Kimdir biri «Çapaýynmy, çapmaýynmy?!» diýip soraýan eken. Odunçy daş-töweregine garanjaklaýar, ýöne hiç kim gözüne ilmeýär. Ol:

– Bu çola tokaýda ýaňky ses gulagyma eşidilýän bolaýmasyn – diýip, güman edýär. Ýöne az salymdan ýene-de şol ses gaýtalanýar: «Çapaýynmy, çapmaýynmy?! Çapaýynmy, çapmaýynmy?! ...» Ahyry odunçy goja çydap bilmän:

– Çapjak bolsaň çap, ýöne ösüp oturan agajy çapma! Guranlarynyňam hemmesini çapma! – diýip gygyrýar. Ol sözüni gutaryp-gutarmanka, öňüne agaçlaryň üstünden bir halta gaçýar. Goja haltany açyp görse, içi ýalpyldap duran altyn teňňeden doly eken.

Odunçy begenip, haltany alyp öýüne gelýär. Gojanyň öýüne haltaly girenini gören goňşusy, munuň bir syrynyň bardygyny bilip, tamyň penjiresinden jyklaýar. Goja şol wagt aýalyna altynly haltany nädip tapandygyny gürrüň berip oturan eken. Goňşusy gojany üns berip diňleýär-de, dessine paltasyny alyp, tokaýa tarap eňýär.

Ol tokaýyň içi bilen ýöräp barýarka, şol sesi eşidýär: «Çapaýynmy, çapmaýynmy?!» Gojanyň goňşusy sesi eşidip-eşitmän:

– Çap, çap! Ýaş nahal diýmän, gury töňňe diýmän, hemmesini çap! – diýip, bar sesi bilen gygyrýar. Ol sözüni gutaryp-gutarmanka ýanyndaky agaçdan bir halta ýere gaçýar. Odunçynyň goňşusy haltany alyp, öýüne tarap eňýär. Emma öýüne gelip, haltany açýar welin, içi altyn teňňeden däl-de, arça gozasyndan doly eken...

Päk ýürekli, tapanyna şükür edýän odunçynyň kanagatlylygy, halallygy üçin oňa bir halta altyn sylag berilýär. Emma goňşusynyň nebisjeňligi, açgözlügi üçin paýyna bir halta arça gozasy düşýär.

**«Kanagat baý eýlär, nebis har eýlär».**

Sanlary birleşdiriň!



Şekili reňkläň!



10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat





# Ýelege çekilýän SUNGAT

Surat çekmek bilen bagly döredijilik işi diýlende ilki bilen kartina ýa-da kagyza çekilen surat köpimiziň göz öňümize gelýär. Surat çekende adam içki duýgusyny, başarnygyny we zehinini galamdyr reňk bilen beýan edýär. Megerem, araňyzda surat çekmegi halamaýanyňyz ýok bolsa gerek. Soňky ýyllarda suratkeşligiň, ýagny şekillendiriş sungatynyň gerimi has giňedi. Indi suraty diňe kagyza ýa-da kendire däl-de, dürli materiallara hem çekýärler. Mysal üçin, suw kädini bezäp surat çekmek, tagtanyň ýüzüni oýup şekilleri ýasamak, guradylan ýapraklara surat çekmek we ş.m.

Şekillendiriş sungaty bilen bagly täsin döredijilik ýolunyň biri hem ýelege surat çekmek görnüşidir. Surat çekmegiň bu görnüşi bilen meşgullanýanlar guşlaryň perini dökýän möwsümi owadan ýelekleri ýygnaýarlar. Esasan hem, hindi towugynyň ýelegi surat çekmek üçin amatly hasaplanýar. Ýelekler ýuwlup guradylandan soň, galam bilen däl-de, ujy inçe reňkli ruçkalar bilen dürli şekiller çekilýär. Ýelegiň ýüzüne surat çekmek irki zamanlarda Okeaniýa ýurtlarynyň we Amerika yklymynyň halklarynyň arasynda döreýär hem-de ýyllar geçdigiçe kämilleşdirilýär. Gadym zamanlarda guşuň uzyn ýelegi şalyk nyşany, mukaddes zat hasaplanypdyr. Şol döwürlerde ýelek timarlamak işi Amerikada ýoň bolupdyr. Halkyň arasynda dürli şekiller çekilen ýelekleri saçyňa gysdyrmak, şlýapalara ýelek dakmak hem-de milli baýramlarda ýelekden ýasalan bezegleri ulanmak däbi döreýär. Şeýlelik bilen, periň ýüzüne surat çekmek sungatynyň ilkinji nusgalary ýüze çykýar. Ýyllar geçdigiçe kämilleşdirilen sungatyň bu görnüşinde ýelege her kim iň halaýan jandarynyň şekilini, esasan hem, guşuň şekilini çekipdir.

Ýelege surat çekmek üçin tüýüni döken guşlaryň uzyn hem owadan ýelegini alyp, mazaly ýuwup guratmaly. Gurandan soň çekjek şekiliňe görä, ýelekleriň birini saýlamaly ýa-da birnäçe ýelegi biri-birine ýelimlemeli. Soňra reňkli ruçkalar bilen gaty basman, ýuwaşlyk bilen şekilleri çekmeli. Pere çeken suratyňyzy ýakynlaryňyza we dostlaryňyza sowgat berip bilersiňiz.






Gyş paslynda ýagşyň ýa-da garyň köp ýagyp, howanyň aşa sowamagy bilen buz gatlaklary emele gelýär. Ýollary hem buz gatlagynyň tutmagy, pyýadalaryň we ulaglaryň hereketine päsgelçilik döredýär. Köçelerdäki buz gatlagyny eretmek üçin irki ýyllardan bäri «ýollary duzlamak» usulyndan peýdalanylýar. Eýsem, duz buzy nädip eredýär?

Düzümindäki minerallara baglylykda gar 0-dan -48 dereje aralykda doňýar. Şeýle ýagdaýda gardaky molekulalaryň arasyndaky wodorod baglanyşygy güýçlenýär. Netijede, molekulalar kristal gurluşa geçip, buz gatlagyny emele getirýär. Natriý hloridi (NaCl) howanyň derejesi -32-den pes bolanda buzuň eremegine täsir edýär. Köçelere sepilen duz buza aralaşyp, natriý we hlorid ionlaryna bölünýär. Ionlar wodorod baglanyşygyny gowşadyp, buzuň eremegine sebäp bolýar. Howa -15 derejeden pes bolanda duz buzy has çalt eredýär. Aşa sowukda düzüminde magniý hloridi ($MgCl_2$) ýa-da kalsiý hloridi ($CaCl_2$) bolan duz görnüşlerini ulanmak maslahat berilýär. $MgCl_2$, $CaCl_2$ 3 iondan, NaCl bolsa 2 iondan durýar. Duzdaky ionlar näçe köp boldugyça, buza täsir edişi hem şonça güýçlenýär.






# BÜTINDÜNÝÄ KITAP PAÝTAGTY BOLAR

Bütindünýä kitap paýtagty geňeşi tarapyndan geçirilen baha berişlikden soň ÝUNESKO-nyň Baş direktory Odre Azule Rio-de-Žaneýrony 2025-nji ýylyň Bütindünýä kitap paýtagty diýip mälim etdi.

– Köpler durmuşynyň agyr günlerinde arzuwlarynyň çeşmesi hökmünde kitaplara ýüz tutýar. Hakykatdan hem kitaplaryň adamyň ünsüni sowmagy we bir zatlary öwretmegi üçin peýdasy uludyr. Kitaplar bütin dünýäde bilime, ylma, medeniýete we maglumatlara elýeterliligiň möhüm serişdesidir. Kitaplaryň kömegi bilen maglumat alýarys, wagtymyzy oňat geçirýäris we dünýämize has gowy düşünip bilýäris. Şonuň üçin her ýyl ÝUNESKO dünýäniň bir şäherini kitap paýtagty hökmünde saýlaýar. 2023-nji ýylda Akkrany, 2024-nji ýylda Strasburgy kitap paýtagty diýip yglan edenimizden soň, 2025-nji ýylda Rio-de-Žaneýrony Bütindünýä kitap paýtagty diýip mälim edýändigime buýsanýaryn – diýip, ÝUNESKO-nyň Baş direktory Odre Azule aýtdy.



ÝUNESKO we Bütindünýä kitap paýtagty geňeşi Rio-de-Žaneýronyň edebiýaty ösdürmek, durnukly neşir işleri we sanly tehnologiýany ulanýan ýaşlaryň arasynda okamagy höweslendirmekde aýdyň konsepsiýa we iş meýilnamalary bilen birlikde edebi mirasy gorap saklamagyň möhümdigini görkezmegine ýokary baha berdi. Portugal dilli şäheriň Bütindünýä kitap paýtagty derejesine eýe bolmagy ilkinji gezek bolup geçýär. Baýramçylyk ýyly 2025-nji ýylyň 23-nji aprelinde Bütindünýä kitap we awtorlyk hukugy güni başlar.

**Bütindünýä kitap paýtagtlary hakynda**

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä kitap paýtagty derejesine eýe bolan şäherler, ýurduň içinde we daşynda ähli ýaşdakylary kitap okamaga höweslendirmegi we ýylyň dowamynda dürli çäreleriň meýilnamasyny guramagy öz üstüne alýar.

Rio-de-Žaneýro bu derejä eýe bolan ýigrimi bäşinji şäherdir: Madrid (2001), Aleksandriýa (2002), Nýu-Deli (2003), Antwerpen (2004), Monreal (2005), Turin (2006), Bogota (2007), Amsterdam (2008), Beýrut (2009), Lýublýana (2010), Buenos-Aýres (2011), Ýerewan (2012), Bangkok (2013), Port-Harkort (2014), Inçhon (2015), Wroslaw (2016), Konakri (2017), Afiny (2018), Şarja (2019), Kuala-Lumpur (2020), Tbilisi (2021), Gwadalahara (2022), Akkra (2023) we Strasburg (2024).

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä kitap paýtagty geňeşine Ýewropa we halkara kitap satyjylar federasiýasynyň (EIBF), Halkara awtorlar forumynyň (IAF), Halkara kitaphanalar birleşiginiň federasiýasynyň (IFLA), Halkara neşirýat birleşiginiň (IPA) we ÝUNESKO-nyň wekilleri girýär.

**Laçyn IŞANGULYÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B.Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Ýeralmaly waka

Bir adam dana gojanyň ýanyna baryp:

– Siz juda pähimdar adam. Hemişe keýpiňiz kök, hiç haçan gaharlanmaýarsyňyz. Maňa hem şeýle bolmagy öwrediň! – diýipdir. Goja razylaşyp, oňa birnäçe ýeralma bilen boş halta getirmegi tabşyrypdyr.

– Eger sen kimdir birine gahar edip öýkeleseň, bir ýeralma al-da, onuň ýüzüne şol adamyň adyny ýazyp, halta sal!

– Bar bolanymy? – diýip, ol adam geň galyp sorapdyr.

– Ýok – diýip, goja jogap beripdir: – Sen bu haltany hemişe ýanyňda götermeli bolarsyň. Her gezek kimdir birinden kine etseň, halta bir ýeralma atmagy unutma!

Ol adam dana gojanyň aýdanlary bilen razylaşypdyr. Aradan ep-esli wagt geçipdir. Onuň haltasy ýeralmadan dolup, götermek barha kynlaşypdyr. Üstesine, onuň ilkibaşda atan ýeralmalary hem zaýalanyp, haltadan ýakymsyz ys aňkap ugrapdyr.



(Tymsal)

Onsoň ol adam hälki gojanyň ýanyna gelip:

– Indi bu haltany ýanymda göterer ýaly bolmady, birinjiden-ä, halta agraldy, ikinjidenem, ol erbet aňkap, ysyna çydap bilemok. Başga bir ýol salgy ber – diýipdir.

Şonda dana oňa:

– Ine, gördüňmi, wagtyň geçmegi bilen adamlaryň kalbynda hem edil şu haltadaky ýaly ýagdaý bolup geçýär. Emma biz ony duýamyzok. Şonuň üçin her gezek kimdir birinden öýke etmezden, ýa-da kimdir biriniň göwnüne degmezden öň saňa ol ýüküň gerekmi, ýa gerek däldigi barada oýlan – diýip, jogap beripdir.

# Paýhaslar

☑ Okalýan kitaplaryň şu güni bar, gaýtalanyp okalýan kitaplaryň bolsa, geljegi.

***Aleksandr Dýuma.***

☑ Hatda kyn ýagdaýa düşeňde hem ýylgyrmagyňy bes etme, belki kimdir biri seniň ýylgyryşyňy halar.

☑ Her niçikde bolsa, dünýäde özüni ýalňyz duýup görmedik adam ýok bolsa gerek.

***Gabriel Garsiýa Markes.***

☑ Özgäniň kemçiligi gözümizde, özümiziňki bolsa, arkamyzda.

☑ Özgelere bir zat aýtmazdan ozal, ilki ony özüňize aýdyň.

***Lusiý Seneka.***

☑ Eger-de öýde saňa seni söýýän adamlar garaşýan bolsa, hiç bir ýüze çykan mesele gorkuly däldir.

☑ Eger-de sen durmuş ýörelgäňi üýtgedip bilmeseň, onda saňa hiç kim we hiç bir zat kömek edip bilmez.

***Gippokrat.***

☑ Ýagşy adam bolmak aňsat. Diňe kimdir birini aýyplamazdan ozal, şol adamyň ýerine özüňi goýup göräýmeli.

***Marlen Ditrih.***

☑ Suw ýokary galanda balyklar garynjalary iýýär, suw çekilende bolsa, garynjalar balyklary iýýär. Goý, hiç kim şu günki üstünligine we güýjüne baýrynmasyn. Çünki kimiň näme iýjegini diňe suwuň akymy çözýär.

***Afrika nakyly.***

☑ Adamyň içki dünýäsindäki ýagşylyk we mähribanlyk Güneş ýalydyr.

***Wiktor Gýugo.***

☑ Biziň her birimiz edýän işimiziň perzendidiris.

***Serwantes.***

☑ Başgalar üçin ýaşamak isleýän adam öz durmuşyny äsgermezlik etmeli däldir.

***Gýuýo Žan Mari.***

☑ Jemgyýetiň bähbitlerine we wezipelerine gulluk etmän geçen durmuşy hiç zat bilen aklap bolmaýar.

***Nikolaý Leskow.***

☑ Adamlaryň içinde iň gowusy, başgalara peýda getirýänidir.

***Abdyrahman Jamy.***

☑ Köpbilmişlik – bilimiň çäklerinden daşardadyr.

***Waleriý Krasowskiý.***

☑ Köpbilmişlik we gedemlik adamy beýgeltmän, eýsem, peseldýär.

***Halk pähimi.***

☑ Aýdara zady ýok adam köp gürleýändir.

***Lew Tolstoý.***

# ÇAP EDILEN ESERLER KÖP OKALÝAR

2023-nji ýylda Russiýanyň kitap bazary pul we mukdar taýdan ösüşi görkezip, degişlilikde, 10% we 5% ýokarlandy. «Eksmo AST» neşirýat toparynyň wekilleriniň pikiriçe, soňky ýyllarda ilkinji gezek neşir edilen kitaplaryň sany artdy.

2022-nji ýyl diňe maliýe nukdaýnazaryndan ösüş bilen tapawutlandy, munuň sebäbi bahalaryň ýokary bolmagydyr.



Şeýle-de bolsa, neşirýatçylar 7% inflýasiýa bilen 2023-nji ýylda kitap bahalarynyň ýokarlanmagynyň öňüni almagyň hötdesinden geldiler. Mundan başga-da, internet arkaly söwdalara uly isleg döredi.

Şeýlelik bilen, kitap bazarynyň ösmegine ekranlaşdyryş işleri we garaşsyz neşirýatlar uly goşant goşdy. Netijede, internet arkaly satuw 31% ýokarlanyp, 75 million kitaba ýetdi. Internet arkaly satuw müşderiler üçin özüne çekiji baha tekliplerini döretmek bilen birlikde bahalaryň ýokarlanmagynyň öňüni almaga aýratyn goşant goşupdyr.

# Her maşgala sowgat beriljek kitap

Täjigistanda ýaşaýan her bir maşgala Abulkasym Ferdöwsiniň «Şanama» poemasynyň bir nusgasyny sowgat alar. Bu barada ýakynda Respublikanyň Prezidenti Emomali Rahmon mälim etdi. Ýokary çap ediş usulynda täsir galdyryjy suratlar bilen bezelen «Şanama» poemasy Tähranda çap edilip, Täjigistanyň Milli kitaphanasyna sowgat berildi.

– «Şanama» dünýäniň iň saldamly eserleriniň biridir. Ferdöwsi ony ýazmaga 30 ýylyny sarp edipdir. «Şanama» gadymy döwürlerden VII asyra çenli araplar aralaşýança eýran-täjik taryhyny öz içine alýar. Eser mazmuny boýunça mifologiki, gahrymançylykly we taryhy ýaly üç bölekden ybarat. 976–1011-nji ýyllar aralygynda ýazylan bu eserde 55 müň ikileme bar. Bu eser dünýäde bir awtor tarapyndan ýazylan iň uzyn poemalaryň biridir – diýip, Täjigistanyň Milli kitaphanasynyň Gündogar we seýrek golýazmalar bölüminiň müdiri Ramzi Jomakulow aýtdy.



– Täjik halky «Şanamadaky» öz taryhyny we medeniýetini bilmelidir. Biz bu kitapdan öz geçmişimize nazar aýlap bileris. Kitaby her bir maşgala sowgat bermek baradaky pikir ajaýyp başlangyç, sebäbi ol ýurduň ilatynyň taryhy edebiýata gyzyklanmasyny artdyrýar – diýip, Täjigistanyň Milli kitaphanasynyň Gündogar we seýrek golýazmalar bölüminiň müdiriniň orunbasary Abdul Azizoda Saidakbar belläp geçdi.

Häzirki wagtda Täjigistanyň Medeniýet ministrliginiň hünärmenleri poemanyň täze nusgasynyň üstünde işläp, her bir maşgala sowgat bermek üçin onuň näçe nusgasyny çap etmegiň gerekdigini ara alyp maslahatlaşýarlar.

# EMELI NEÝROULGAM DÖREDILDI

Russiýanyň Immanuil Kant adyndaky Baltika federal uniwersitetiniň (BFU) hünärmenleri filosofiýa degişli temalarda gürrüňdeşlik geçirmäge ukyply neýroulgamyny döretdiler. Bu barada rus uniwersitetiniň metbugat gullugy habar berýär. «Kant-bot» diýlip atlandyrylýan bu neýroulgam hatda, nemes filosofy Immanuil Kantyň tekstlerine we ideýalaryna esaslanyp, pelsepe, etika we döwrebaplyk bilen baglanyşykly kyn soraglara jogap berýär. BFU-nyň ylmy işgäri Wladimir Sawinowyň sözlerine görä, «Kant-bot» akyldaryň tekstleriniň esasynda rus, nemes we iňlis dillerinde tälim aldy.



«Kant-bot» wagt, giňişlik we bagt düşünjelerine düşündiriş berip, olary Kantyň filosofik ideýalaryndan täsirlenmek arkaly suratlandyrýar. Neýroulgam kyn we çylşyrymly sowallaryň jogabyny tapyp, düşünjeleri seljerip, düşündirip bilmek ukybynyň bardygyny subut etdi. Döredijiler täze tehnologik üstünligiň çekişmeleri döretjekdigini we pelsepe düşünjesini täze derejä çykarmaga kömek etjekdigine ynanýarlar.



## 3-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Tutynyň ýokarky bölegindäki aýlawly bezegi. **2.** «Bir suprada ... bolsun aşymyz» (Magtymguly Pyragy). **3.** Ýewfrat derýasynyň kenarynda gadymy şäher. **4.** Diş bilen çalarak gysylyp, barmaklaryň ujy bilen kakylyp çalynýan ýukajyk polat dilli saz guraly. **5.** «Bergiň ýüze ýetse, ... börek iý» (nakyl). **6.** Aýlaryň biri. **7.** Sütünler bilen gurşalan we gümmez bilen örtülen tegelek meýilnamaly binanyň kompozisiýa görnüşi. **8.** Ok-... **9.** Agzy giň, kiçijik küýze. **17.** Inçejik ýalaňgat nah ýüplükden dokalan ýukajyk ak mata. **19.** Tämiz, päkize. **20.** Süzmeden taýýarlanýan önüm. **21.** Ýaprakly tokaý bilen örtülen daglaryň dik, gaýaly eňňitlerinde ýaşaýan keýige meňzeş jandar. **22.** Saz guraly. **23.** Meşhur fransuz suratkeşi Pablo ... **24.** Italýan sport ulagy. **26.** Balarylarynyň saklanýan ýeri. **27.** Atmosfera basyş bahalarynyň izolinalary. **28.** Uzyn paltunyň bir görnüşi. **29.** «... ilde, orny törde» (nakyl). **34.** Zambiýanyň paýtagty. **40.** Ilkidurmuş adamy. **42.** Çaga, perzent. **44.** Finikiýanyň iň köne söwda merkezlerinden biri. **46.** Ýaponiýanyň owadan tebigatly şäheri. **47.** Aýdym-saz termini. **49.** Gäminiň ýokarky açyk bölegi. **51.** Sportuň bir görnüşi. **53.** Dorogly doňdurma meňzeş süýjülik. **55.** Gadymy urşujy. **56.** Elektrik togunyň güýç ölçeg birligi. **61.** Başgyrdystanyň paýtagty. **63.** Fransuz biology ... Batist Lemark. **64.** «Garganyň ... balasy, her kişiň öz balasy» (nakyl).

● **KESELIGINE:** **4.** Ýelkenli gäminiň ýaýynyň üstündäki çyzgy. **10.** Tansyň bir görnüşi. **11.** Ozon öndürýän enjam. **12.** Afrikanyň ekwatorial tokaýlarynda ýaşaýan gysga boýly halk topary. **13.** Oturymly ilatly ýer. **14.** Italýan nahary. **15.** Himiki element. **16.** «Daşy – jäjek, ... – möjek» (nakyl). **18.** Horwatiýanyň paýtagty. **21.** Közde daglanyp taýýarlanýan nahar. **25.** Tegelekdäki nokat bilen birleşdirýän göni çyzyk. **30.** Ýaponiýanyň merkezi şäheri. **31.** Toguň ortaça geçirijiliginiň ep-esli ýokarlanmagy bilen baglanyşykly elektrik togunyň akymy. **32.** Fransiýanyň orta asyr beýik galasy. **33.** Bereketli. **35.** Amaly we tehnologik dolandyryş. **36.** Perunyň dag ulgamy. **37.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **38.** Tor merkezi. **39.** Radiý himiki elementiň gysga belgisi. **41.** Ornament bezegi. **43.** Türkiýäniň bir teleýaýlymy. **45.** Garga meňzeş kiçi guş. **48.** Rus halk taýakly oýny. **50.** Bezeg güli. **52.** Çilide owadan ada. **54.** Umuman alanyňda, bütinleý diýen ýaly. **57.** But süňki bilen injik süňküni birleşdirýän bogun. **58.** Öý gurluşynyň bir görnüşi. **59.** Ýuka uly başatgyç. **60.** Adam ady. **62.** Gurluşyk guraly. **65.** Ownuk köp reňkli kagyz. **66.** Köp mukdarda däne saklamak üçin ammar. **67.** Soltan ....

2-nji krosswordyň jogaby:



3-nji skanwordyň jogaby:



## 4-nji SKANWORD



## Transfer täzelikleri

Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary ozalky futbolçysy, iňlis ýaşly 23 ýaşyndaky ýarymgoragçy Jeýdon Sançony «Mançester Ýunaýtedden» möwsümiň ahyryna çenli kärendesine düzümine goşdy.

«Borussiýa Dortmund» topary Angliýanyň «Çelsi» toparyndan 21 ýaşyndaky niderland goragçysy Ian Matseni hem möwsümiň ahyryna çenli kärendesine transfer etdi.

«Bundesliganyň» çempiony «Bawariýa» topary iňlis kluby «Tottenham» toparyndan 29 ýaşyndaky angliýaly goragçy Erik Daýeri möwsümiň ahyryna çenli kärendesine aldy (şertnamanyň möhleti 1 ýyl uzaldylyp bilner).

Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary möwsümiň 1-nji ýarymyny «Union Berlinde» geçiren 36 ýaşyndaky italiýaly meşhur goragçy Leonardo Bonuççi bilen häzirlikçe 6 aýlyk şertnama baglaşdy.

«Fenerbahçe» kluby italýan topary «Milanyň» 30 ýaşyndaky bosniýaly ýarymgoragçysy Rade Kruniçi hem 6 aýlyk kärendesine şertnama bilen düzümine goşdy.

Saud Arabystanynyň çempionatynyň ýeňlişsiz lideri «Al Hilal» topary Fransiýanyň «Marsel» klubundan 25 ýaşly brazil ýarymgoragçy Renan Lodini 23 million ýewro transfer etdi (3 ýyllyk şertnama).

Angliýanyň «Tottenham» topary Italiýanyň «Jenoa» klubundan rumyniýaly goragçy Radu Draguşini 30 million ýewro transfer edip, 21 ýaşyndaky oýunçy bilen 2030-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy.

«Mançester Ýunaýtediň» yzyna ugradan ispaniýaly goragçysy Serhio Regilony «Tottenham» kluby «Premier Liganyň» başga bir klubuna, «Brentford» toparyna möwsümiň ahyryna çenli kärendesine transfere goýberdi.

Fransiýanyň «Lion» topary Belgiýanyň «Gent» klubunyň 17 ýaşyndaky ýerli hüjümçisi Malik Fofanany 17+5 million ýewro transfer edip, onuň bilen 4,5 ýyllyk şertnama gol çekişdi.




### HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*19-njy ýanwar (anna)*

**Boawişta – Benfika (01:15)**

*20-nji ýanwar (şenbe)*

**Arsenal – K. Palas (17:30)**
**Köln – Borussiýa D (19:30)**
**Roma – Werona (22:00)**
**Walensiýa – Atletik B (22:30)**
**Leipsig – Baýer (22:30)**
**Udineze – Milan (00:45)**

*21-nji ýanwar (ýekşenbe)*

**Bawariýa – Werder (19:30)**
**Real Madrid – Almeriýa (20:15)**
**Trabzonspor – Galatasaraý (21:00)**
**Bornmut – Liwerpul (21:30)**
**Betis – Barselona (22:30)**
**Žirona – Sewilýa (01:00)**

*22-nji ýanwar (duşenbe)*

**Granada – Atletiko (01:00)**

# Kataryň ýygyndysy 1/8 finala çykan ilkinji topar boldy

**Geçen hepdäniň anna güni Katarda bat alan futbol boýunça 18-nji Aziýa Kubogynda toparçalardaky 1-nji duşuşyklar tamamlandy. Geçirilen 12 oýnuň 2-sinde hasap açylmady. 12 oýunda jemi 37 gol hasaba alyndy. Umumylykda, 1-nji duşuşyklarda favoritler ýeňiş gazanmagy başardy.**

«A» toparçada ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy Liwany Afifiň hem-de Almoez Aliniň gollary bilen 3-0 hasabynda ýeňdi. Çempionatyň taryhyndaky ilkinji duşuşygynda Hytaý bilen golsuz deňme-deň oýnan Täjigistanyň ýygyndysy ilkinji utugyny gazandy. «A» toparçada 2-nji duşuşyklar hem geçirilip, Hytaýyň ýygyndysy Liwan bilenem golsuz deňme-deň oýnady. Ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy bolsa Täjigistanyň ýygyndysyny Afifiň 17-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňip, 1/8 finala çykan ilkinji ýygyndy boldy.



«B» toparçada golsuz geçen başga bir oýunda-da Özbegistan bilen Siriýanyň ýygyndylarynyň oýunçylaryna topy derweze girizmek başartmady. Awstraliýanyň ýygyndysy Hindistany Irwin hem-de Bosuň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy.

**ÇEMPIONATYŇ 1000-nji GOLY**

«C» toparçada BAE-niň ýygyndysy Gonkongy 3–1 hasabynda utdy. Duşuşykda Gonkongyň adyndan tapawutlanan Çan Sui Kwanyň geçiren goly çempionatyň taryhyndaky 1000-nji gol hökmünde hasaba alyndy. Ýeri gelende bellesek, mundan 67 ýyl ozal, ýagny 1956-njy ýylda çempionatyň ilkinji goluny-da gonkongly başga bir futbolçy Au Çi Ýin (Gonkong—Ysraýyl: 2–3) geçiripdi. Eýranyň ýygyndysy Palestinadan 4–1 hasabynda üstün çykyp, ýeňiş gazanan toparyň gollaryny Ansarifard, Halilzadeh, Gaýedi hem-de Azmun öz atlaryna ýazdyrdylar.



«D» toparçada soňky duşuşyklarynda uly hasaply ýeňişler gazanyp gelýän Ýaponiýanyň ýygyndysy Wýetnamy 4–2 hasabynda ýeňdi. Wýetnamyň ýygyndysy 2-1 öňe saýlansa-da, ýaponlar ýyldyz oýunçylary Minaminonyň (2), Nakamuranyň hem-de Uedanyň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi.

Çempionlygyň dalaşgärlerinden Günorta Koreýanyň ýygyndysy «E» toparçada Bahreýni 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda koreýleriň 2 goluny PSŽ-de çykyş edýän Li Kan In derweze girizdi. Altyn medalyň başga bir hyrydary, italiýaly Roberto Mançininiň tälimçiliginde bu ýaryşa gatnaşýan Saud Arabystanynyň ýygyndysy kynlyk bilen ýeňiş gazandy. «F» toparçada Oman bilen duşuşan araplar soňky 12 minutda — Garibiň 78-nji hem-de Al-Bulaihiniň 90+6-njy minutlarda geçiren gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy.

| | |
|---|---|
| A | **Katar—Liwan: 3–0** (Afif 45, 90+6, Almoez Ali 56), **Hytaý—Täjigistan: 0–0;** **Liwan—Hytaý: 0–0, Täjigistan—Katar: 0–1** (Afif 17) |
| B | **Awstraliýa—Hindistan: 2–0** (Irwin 50, Bos 73), **Özbegistan—Siriýa: 0–0** |
| C | **BAE—Gonkong: 3–1** (Adil 34 p, Sultan 53, Al-Gassani 90+6 p — Çan Sui Kwan 49); **Eýran—Palestina: 4–1** (Ansarifard 2, Halilzadeh 12, Gaýedi 38, Azmun 55 – Seýam 45+6) |
| D | **Ýaponiýa—Wýetnam: 4–2** (Minamino 11, 45, Nakamura 45+4, Ueda 85 — Nguýen Dinh Bak 16, Pham Tuan Hai 33); **Indoneziýa—Yrak: 1–3** (Marselino 37 — M. Ali 17, Raşid 45+7, Hussein 75) |
| E | **Günorta Koreýa—Bahreýn: 3–1** (Hwan In-Beom 38, Li Kan In 56, 68 — Al-Haşaş 51); **Malaýziýa—Iordaniýa: 0–4** (Al-Mardi 12, 32, Al-Taamari 18 p, 85) |
| F | **Tailand—Gyrgyzystan: 2–0** (Supaçai 26,49); **Saud Arabystany—Oman: 2–1** (Garib 78, Al-Bulaihi 90+6 — Al-Ýahýaei 15 p) |

# ILKINJI ALTYN MEDALYNY GAZANDY

Figuralaýyn typmak boýunça Litwanyň Kaunas şäherinde geçirilen Ýewropa çempionaty tamamlandy. Çempionatda erkekleriň arasynda ýekeleýin ýaryşda fransiýaly 22 ýaşyndaky Adam Siao Him Fa bassyr 2-nji gezek yklym ýaryşynyň ýeňijisi boldy. Ol 2 tapgyrda-da (gysga programma, erkin typmak) iň köp utugy toplamagy başardy. Bu ugurda estoniýaly Aleksandr Selewko 2-nji, italiýaly Matteo Rizzo 3-nji orny eýeledi.

Zenanlaryň arasyndaky ýaryşda belgiýaly Luna Hendriks 2 tapgyrda öňe saýlanyp, yklym ýaryşyndaky ilkinji altyn medalyny boýnuna dakdy. Ol geçen ýylyň çempiony gruziýaly Anastasiýa Gubanowadan hem-de watandaşy Ninan Pinzaroneden öňe saýlandy.



Jübütleýin ýaryşda italiýaly türgenler ýeňiş münberinden 2 orun aldylar. Lukrezia Bekkari bilen Matteo Guarise altyn, Rebekka Gilardi bilenem Filippo Ambrosini bürünç medala mynasyp boldular. Bekkari bilen Guarise gysga programmada 3-nji bolsalaram, erkin typmakda toplan utuklary bilen umumylykda 1-nji orna çykdylar. Jübütleýin ýaryşda kümüş medaly bolsa gruziýaly Anastasiýa Metelkina bilen Luka Berulawa ikisi gazandy.

Buzda tans etmek ýaryşynda italiýaly Şarlen Giniar bilen Marko Fabbri ikisine bu ýylam taý tapylmady. Beýik britaniýaly Laýla Fir bilen Lýuwis Gibson kümüş, ýer eýelerinden litwaly Allison Rid bilen Saulius Ambrulewiçius ikisi-de bürünç medala mynasyp boldular.

# «Real Madrid» 13-nji gezek Super Kubogyň eýesi

Ispaniýanyň Super Kubogy duşuşygynyň finalynda bu gezek ýeňiş «Real Madridiň» tarapynda boldy. Geçen ýylky finalda asgyn gelen (3-1) «Real Madrid» bu sapar «Barselonany» 4-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýaddaky KSU stadionynda geçirilen finalda madridlileriň gollarynyň 3-sini Winisius Junior öz adyna ýazdyrdy. Eýýäm ilkinji 10 minutda — 7-nji we 10-njy minutlarda garşylyklaýyn hüjümleriň netijesinde 2 gol geçiren braziliýaly winger 39-njy minutda-da penaltini dürs urup, hettrik etdi. Ol «Barselonanyň» derwezesinden 3 gol geçiren ilkinji «really» brazil futbolçysy hökmünde hasaba alyndy. Oýnuň 64-nji minutynda-da başga bir braziliýaly futbolçy Rodrigo



tapawutlandy. «Barselonanyň» ýeke-täk goluny 33-nji minutda Robert Lewandowski derweze girizip, ol «El Klasikoda» «Realyň» torundan gol geçiren iň ýaşuly «barselonaly» oýunçy boldy. Duşuşygyň 71-nji minutynda «Barselonanyň» urugwaýly goragçysy Ronald Arauho gyzyl kart aldy.

Şunlukda, 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» resmi «El Klasiko» duşuşyklarynda garşydaşyny 104-nji gezek ýeňlişe sezewar etdi. Bu ýeňiş «Real Madridiň» soňky 5 ýyldaky 3-nji, umumylykda-da 13-nji Super Kubogy bolup, olaryň «Barselonadan» 1 kubogy az. «Real Madrid» ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 21 oýundan bäri ýeňilmän gelýär.

Toparyň tälimçisi Karlo Ançelotti madridlilerdäki 11-nji kubogyny gazanyp, bu ugurda Zinedin Zidan bilen deňleşdi. Ançelottiden öňde 14 kubokly Miguel Munýos bar.

# Senegal hem-de Marokko şowly başlady

**Kot-d'Iwuarda dowam edýän futbol boýunça 34-nji Afrika Milletler Kubogynda hem edil Aziýa Kubogynda bolşy ýaly, toparçalardaky 1-nji oýunlar tamamlandy. 1-nji duşuşyklarda çempionlygyň dalaşgärlerinden, toparçalarynyň favoritleri hasaplanýan toparlaryň käbirlerine ýeňiş gazanmak başartmady.**

«A» toparçada ýer eýeleri Kot-d'Iwuar Gwineýa-Bissauny 2–0 hasabynda ýeňen bolsa, Nigeriýanyň ýygyndysyna Ekwator Gwineýasyny ýeňmek başartmady. Edil şonuň ýaly, «B» toparçada ýaryşyň iň köp çempionlyk gazanan topary Müsüriň ýygyndysy Mozambik bilen duşuşyp, soňky minutlarda Mohamed Salahyň penaltiden geçiren goly esasynda ýeňlişden halas boldy. Gananyň ýygyndysy bolsa 90-njy minutdan soň geçirden goly esasynda Kabo Werdeden 2–1 hasabynda utuldy.

«C» toparçada häzirki çempion Senegala Gambiýany



ýeňmek kyn düşmedi. Kamaranyň 2 gol geçiren oýnunda çempion 3–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, ýene bir ýola çempionlygyň favoritidigini görkezdi. Kamerunyň ýygyndysy bolsa Gwineýa bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan başga bir oýunda «D» toparçada Alžir bilen Angola utuklary paýlaşdylar.

«E» toparçada Tunisiň ýygyndysy Namibiýadan 1–0 hasabynda utulyp, çempionata



şowsuz başlady. «F» toparçada ady çempionlyga iň esasy dalaşgärleriň hatarynda agzalýan Marokkonyň ýygyndysy Tanzaniýanyň ýygyndysyndan Saissiň, Unahiniň hem-de En-Nesiriniň gollary esasynda 3–0 hasabynda üstün çykdy.

| | |
|---|---|
| A | **Kot-d'Iwuar — Gwineýa-Bissau: 2–0** (Seko Fofana 4, Krasso 58) **Nigeriýa — Ekwator Gwineýasy: 1–1** (Osimhen 38 — Salwador 36) |
| B | **Müsür — Mozambik: 2–2** (Mostafa Mohamed 2, Salah 90+7 p — Witi 56, Klesio 58) **Gana — Kabo Werde: 1–2** (Džiku 56 — Monteiro 17, Rodriges 90+2) |
| C | **Senegal — Gambiýa: 3–0** (Pape Geýe 4, Kamara 52, 86) **Kamerun — Gwineýa: 1–1** (Magri 51 — Baýo 10) |
| D | **Alžir — Angola: 1–1** (Bunedjah 18 — Mabululu 68 p) **Burkino Faso — Mawritaniýa: 1–0** (Bertrand Traore 90+6 p) |
| E | **Tunis — Namibiýa: 0–1** (Hotto 88) **Mali — Günorta Afrika: 2–0** (Hamari Traore 60, Sinaýoko 66) |
| F | **Marokko — Tanzaniýa 3–0** (Saiss 30, Unahi 77, En-Nesiri 80) **Kongo DR — Zambiýa: 1–1** (Wissa 27 — Kangwa 23) |

# FIFA ýene-de Messini saýlady

Argentinaly super ýyldyz futbolçy, häzirki wagtda «Inter Maýami» toparynda çykyş edýän Lionel Messiniň baýrak kolleksiýasyndaky sylaglarynyň sany artmagyny dowam edýär.




Angliýanyň paýtagty Londonda geçirilen «The Best FIFA 2023» baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. Fransiýaly ozalky meşhur futbolçy Tierri Anri bilen britaniýaly tanymal alypbaryjy Reşmin Çowdhuriniň bilelikde alyp baran dabarasyna futbolyň öňkisoňky ýyldyzlary, tälimçiler, klublaryň ýolbaşçylary, FIFA-nyň resmi adamlary we beýlekiler gatnaşdylar.

Dabaranyň iň esasy baýragy mälim edilende, bukjadan geçen ýylky ýaly ýene-de Lionel Messiniň ady çykdy. Şunlukda, 2016-njy ýyldan bäri «The Best FIFA Awards» ady bilen gowşurylyp gelinýän bu baýragy argentinaly ýyldyz bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek eýelemegi başardy. FIFA Messini 2019-njy ýylda-da ýylyň futbolçysy saýlapdy. Messi 48 ses alyp, edil özi ýaly 48 ses alan norwegiýaly Erling Holanndan hem-de 35 ses alan fransiýaly Kilian Mbappeden öňe saýlandy. Messi dabara gatnaşman, baýragy onuň adyndan Tierri Anri aldy.

Messi geçen 2023-nji ýylda PSŽ bilen Fransiýanyň çempionlygyny gazanyp, şol sanda «Inter Maýami» topary bilenem «Leagues Cup»-y gazanypdy.



2023-nji ýylyň iň gowy zenan futbolçysy diýlip «Barselona» toparynyň ispaniýaly ýyldyzy Aitana Bonmati saýlandy. Ol kolumbiýaly Linda Kaisedo bilen watandaşy Jenni Hermosony yzda galdyrmagy başardy.

Ýylyň erkek tälimçisi baýragyna «Mançester Siti» toparynyň ispaniýaly tälimçisi Pep Guardiola laýyk görüldi. Bassyr 2 gezek 3-nji ýeri eýelän Pep Guardiola bu baýragy ilkinji gezek aldy.

Ýylyň zenan tälimçisi baýragy ýene-de Sarina Wigmana gowşuryldy. Angliýanyň milli ýygyndysynyň niderland tälimçisi bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji sapar bu hormata laýyk görüldi.

Bir şäheriň klublarynda çykyş edýän derwezeçiler FIFA tarapyndan 2023-nji ýylyň iň gowulary diýlip saýlandy. Erkekleriň arasynda «Mançester Sitiniň» braziliýaly derwezeçisi, zenanlaryň arasynda-da «Mançester Ýunaýtediň» angliýaly derwezeçisi Meri Erps baýraga mynasyp boldy.

Braziliýanyň milli ýygyndysynyň «FIFA Fair-Play» baýragy bilen sylaglanan dabarada iň owadan gola berilýän Puşkaş baýragy braziliýaly Gilerme Madruga gowşuryldy. «Botafoga SP» toparynyň futbolçysynyň 2-nji ligada «Noworizontino» klubunyň derwezesinden uzakdan geçiren üstaşyr goly iň owadan gol diýlip saýlandy.

Ajaýyp karýera üçin FIFA-nyň ýörite baýragy bu gezek braziliýaly meşhur zenan futbolçy Marta gowşuryldy.

FIFA hem-de FIFPRO erkekleriň hemem zenanlaryň ýylyň simwolik ýygyndysyny saýlady.

**Erkekler:** Tibo Kurtua — Ruben Diaş, Jon Stounz, Kaýl Wolker — Jud Bellingam, Kewin de Bruýne, Bernardo Silwa — Winisius Junior, Kilian Mbappe, Erling Holann, Lionel Messi.

**Zenanlar:** Meri Erps — Lusi Bronz, Olga Karmona, Aleks Grinwud — Ella Tun, Keira Wolş, Aitana Bonmati — Lauren Jeýms, Säm Kerr, Aleks Morgan, Alessia Russo.

### LA LIGA (20) — 19 gol

**Sewilýa—Alawes: 2–3** (Rafa Mir 70, Okampos 82 p — Tenalia 26, Garsiýa 40, Duarte 90), **Las Palmas—Wilýarreal: 3–0** (Rodriges 8, 63, Gonzales 51), **Malýorka—Selta: 1–1** (Larin 43 — Aspas 10), **Atletik—Real Sosiedad: 2–1** (Remiro 30, 42 — Oýarzabal 88), **Betis—Granada: 1–0** (Isko 76), **Almeriýa—Žirona: 0–0, Kadiz—Walensiýa: 1–4** (Alkaraz 21 p — Duro 8, Diego Lopes 52, Hawi Guerra 90+4, Welaskes 90+8), **Barselona—Osasuna** (30-njy ýanwar), **Atletiko—R. Wallekano** (31-nji ýanwar), **Hetafe—Real Madrid** (1-nji fewral)

### SERIE A (20) — 32 gol

**Napoli—Salernitana: 2–1** (Politano 45+4 p, Rrahmani 90+6 — Kandrewa 29), **Jenoa—Torino: 0–0, Werona—Empoli: 2–1** (Duriç 3, Ngonge 56 — Zurkowski 64), **Monza—Inter: 1–5** (Pessina 69 p — Çalhanoglu 12 p, 60, Martines 14, 84 p, Turam 88), **Lasio—Leççe: 1–0** (Anderson 58), **Kaliari—Bolonýa: 2–1** (Petanýa 31, Kalafiori 69 ö.d. — Orsolini 24), **Fiorentina—Udineze: 2–2** (Beltran 55, Nzola 87 p — Lowriç 10, Towen 73), **Milan—Roma: 3–1** (Adli 11, Žiru 56, Hernandes 84 — Parades 69 p), **Atalanta—Frozinone: 5–0** (Koopmeýners 8 p, Ederson 13, De Ketelare 14, Zappakosta 84, Holm 90), **Ýuwentus—Sassuolo: 3–0** (Wlahowiç 15, 37, Kieza 89)

### BUNDESLIGA (17) — 18 gol

**Bawariýa—Hoffenhaým: 3–0** (Musiala 18, 70, Keýn 90), **Fraýburg—Union Berlin: 0–0, Maýns—Wolfsburg: 1–1** (Widmer 61 — Çerny 12), **Augsburg—Baýer: 0–1** (Palasios 90+4), **Leipsig—Aýntraht: 0–1** (Knauff 7), **Köln—Haýdenhaým: 1–1** (Selke 29 — Bek 55), **Darmştadt—Borussiýa D: 0–3** (Brandt 24, Roýs 77, Mukoko 90+2), **Bohum—Werder: 1–1** (Osterhage 64 — Stark 90+3), **Borussiýa M—Ştutgart: 3–1** (Hak 1, 19, Pefok 90+1 — Wagnoman 55)

### LIGUE 1 (18) — 22 gol

**Marsel—Strasbur: 1–1** (Žigo 3 — Sebas 90+2), **Monako—Reýms: 1–3** (Ben Ýedder 49 — Teuma 35, Hadra 55, Matusiwa 90+5), **Renn—Nissa: 2–0** (Burižo 31 p, Kalimuendo 54), **Lill—Loriýan: 3–0** (Dewid 37, Kabello 90, Žegrowa 90+3), **Nant—Klermon: 1–2** (Molle 47 — Nikolson 29, Allewinah 89), **Brest—Monpelie: 2–0** (Magnetti 48, Le Duaron 90+2), **Mets—Tuluza: 0–1** (Sierro 12 p), **Le Hawr—Lion: 3–1** (Lloris 18, Mario Sabbi 50, Operi 65 — Lakazett 54), **Lans—PSŽ: 0–2** (Barkola 30, Mbappe 89)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 20 | 15 | 4 | 1 | 46-24 | 49 |
| 2 | REAL MADRID | 19 | 15 | 3 | 1 | 40-11 | 48 |
| 3 | BARSELONA | 19 | 12 | 5 | 2 | 36-22 | 41 |
| 4 | ATLETIK B | 20 | 12 | 5 | 3 | 38-20 | 41 |
| 5 | ATLETIKO M | 19 | 12 | 2 | 5 | 39-23 | 38 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 20 | 8 | 8 | 4 | 31-21 | 32 |
| 7 | BETIS | 20 | 7 | 10 | 3 | 22-20 | 31 |
| 8 | WALENSIÝA | 20 | 8 | 5 | 7 | 26-24 | 29 |
| 9 | LAS PALMAS | 20 | 8 | 4 | 8 | 19-17 | 28 |
| 10 | HETAFE | 19 | 6 | 8 | 5 | 24-25 | 26 |
| 11 | R. WALLEKANO | 19 | 5 | 8 | 6 | 18-24 | 23 |
| 12 | OSASUNA | 19 | 6 | 4 | 9 | 22-29 | 22 |
| 13 | ALAWES | 20 | 5 | 5 | 10 | 18-27 | 20 |
| 14 | WILÝARREAL | 20 | 5 | 4 | 11 | 27-41 | 19 |
| 15 | MALÝORKA | 20 | 3 | 10 | 7 | 18-24 | 19 |
| 16 | SELTA | 20 | 3 | 8 | 9 | 21-30 | 17 |
| 17 | SEWILÝA | 20 | 3 | 7 | 10 | 25-30 | 16 |
| 18 | KADIZ | 20 | 2 | 9 | 9 | 15-30 | 15 |
| 19 | GRANADA | 20 | 2 | 5 | 13 | 22-41 | 11 |
| 20 | ALMERIÝA | 20 | 0 | 6 | 14 | 19-43 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 13 |
| 2 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 12 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 12 |
| 4 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 11 |
| 5 | Artem DOWBYK (Žirona) | 11 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 20 | 16 | 3 | 1 | 49-10 | 51 |
| 2 | ÝUWENTUS | 20 | 15 | 4 | 1 | 32-12 | 49 |
| 3 | MILAN | 20 | 13 | 3 | 4 | 38-21 | 42 |
| 4 | FIORENTINA | 20 | 10 | 4 | 6 | 29-21 | 34 |
| 5 | LASIO | 20 | 10 | 3 | 7 | 24-20 | 33 |
| 6 | ATALANTA | 20 | 10 | 3 | 7 | 35-21 | 33 |
| 7 | BOLONÝA | 20 | 8 | 8 | 4 | 23-18 | 32 |
| 8 | NAPOLI | 20 | 9 | 4 | 7 | 30-25 | 31 |
| 9 | ROMA | 20 | 8 | 5 | 7 | 32-24 | 29 |
| 10 | TORINO | 20 | 7 | 7 | 6 | 18-18 | 28 |
| 11 | MONZA | 20 | 6 | 7 | 7 | 20-25 | 25 |
| 12 | JENOA | 20 | 5 | 7 | 8 | 20-24 | 22 |
| 13 | LEÇÇE | 20 | 4 | 9 | 7 | 20-26 | 21 |
| 14 | FROZINONE | 20 | 5 | 4 | 11 | 25-39 | 19 |
| 15 | SASSUOLO | 20 | 5 | 4 | 11 | 26-36 | 19 |
| 16 | UDINEZE | 20 | 2 | 12 | 6 | 21-32 | 18 |
| 17 | KALIARI | 20 | 4 | 6 | 10 | 19-33 | 18 |
| 18 | WERONA | 20 | 4 | 5 | 11 | 18-27 | 17 |
| 19 | EMPOLI | 20 | 3 | 4 | 13 | 11-35 | 13 |
| 20 | SALERNITANA | 20 | 2 | 6 | 12 | 17-40 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 18 |
| 2 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 10 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |
| 4 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 9 |
| 5 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 9 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 17 | 14 | 3 | 0 | 47-12 | 45 |
| 2 | BAWARIÝA | 16 | 13 | 2 | 1 | 52-15 | 41 |
| 3 | ŞTUTGART | 17 | 11 | 1 | 5 | 38-22 | 34 |
| 4 | LEIPSIG | 17 | 10 | 3 | 4 | 38-18 | 33 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 17 | 8 | 6 | 3 | 33-25 | 30 |
| 6 | AÝNTRAHT | 17 | 7 | 6 | 4 | 27-20 | 27 |
| 7 | FRAÝBURG | 17 | 7 | 4 | 6 | 21-26 | 25 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 17 | 7 | 3 | 7 | 32-33 | 24 |
| 9 | HAÝDENHAÝM | 17 | 6 | 3 | 8 | 26-33 | 21 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 17 | 5 | 5 | 7 | 34-36 | 20 |
| 11 | WOLFSBURG | 17 | 6 | 2 | 9 | 21-28 | 20 |
| 12 | AUGSBURG | 17 | 4 | 6 | 7 | 24-32 | 18 |
| 13 | WERDER | 17 | 4 | 5 | 8 | 24-31 | 17 |
| 14 | BOHUM | 17 | 3 | 8 | 6 | 19-34 | 17 |
| 15 | UNION BERLIN | 16 | 4 | 2 | 10 | 17-31 | 14 |
| 16 | MAÝNS | 17 | 1 | 8 | 8 | 14-29 | 11 |
| 17 | KÖLN | 17 | 2 | 5 | 10 | 11--29 | 11 |
| 18 | DARMŞTADT | 17 | 2 | 4 | 11 | 20-44 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 22 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 17 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 11 |
| 4 | Wiktor BONIFASE (Ştutgart) | 9 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 9 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 18 | 13 | 4 | 1 | 44-14 | 43 |
| 2 | NISSA | 18 | 10 | 5 | 3 | 19-11 | 35 |
| 3 | BREST | 18 | 10 | 4 | 4 | 27-15 | 34 |
| 4 | MONAKO | 18 | 10 | 3 | 5 | 34-25 | 33 |
| 5 | LILL | 18 | 8 | 7 | 3 | 24-14 | 31 |
| 6 | REÝMS | 18 | 9 | 2 | 7 | 25-24 | 29 |
| 7 | MARSEL | 18 | 7 | 7 | 4 | 26-19 | 28 |
| 8 | LANS | 18 | 7 | 5 | 6 | 21-19 | 26 |
| 9 | STRASBUR | 18 | 6 | 6 | 6 | 19-23 | 24 |
| 10 | RENN | 18 | 5 | 7 | 6 | 25-22 | 22 |
| 11 | LE HAWR | 18 | 5 | 7 | 6 | 19-20 | 22 |
| 12 | MONPELIE | 18 | 4 | 7 | 7 | 19-23 | 18 |
| 13 | NANT | 18 | 5 | 3 | 10 | 20-30 | 18 |
| 14 | TULUZA | 18 | 3 | 8 | 7 | 16-23 | 17 |
| 15 | METS | 18 | 4 | 4 | 10 | 16-28 | 16 |
| 16 | LION | 18 | 4 | 4 | 10 | 17-30 | 16 |
| 17 | KLERMON | 18 | 3 | 5 | 10 | 13-27 | 14 |
| 18 | LORIÝAN | 18 | 2 | 6 | 10 | 21-38 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 19 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 9 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 8 |
| 4 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 5 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 6 |

# «Baýer» ýoluny ýeňlişsiz dowam edýär



**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Baýer» myhmançylykda «Augsburg» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňiş gazandy. 1–0 hasabynda ýeňşini baýram eden «Baýeriň» ýeke-täk goluny 90+4-nji minutda Palasios derweze girizdi. 1 oýny kem 2-nji ýerde barýan «Bawariýa» öz meýdançasynda Musialanyň (18, 70) hem-de Keýniň (90) gollary esasynda «Hoffenhaýmdan» 3-0 hasabynda üstün çykdy. Keýn 22-nji goluny geçirmek bilen 1-nji aýlawda iň köp gol geçiren Robert Lewandowskiniň rekordyny gaýtalady. «Leipsigiň» öz meýdançasynda «Aýntrahtdan» utulan tapgyrynda «Borussiýa Dortmund» myhmançylykda «Darmştadt» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Monzany» 5-1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Interiň» gollaryny Çalhanoglu (2), Lautara Martines (2) hem-de Turam geçirdi. Soňky çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Salernitanany» myhmanlaryň öňe saýlanandygyna garamazdan, Rrahmaniniň soňky minutdaky goly bilen ýeňşini baýram etdi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Milan» öz meýdançasynda «Romany» fransiýaly oýunçylary Adli, Žiru hem-de Hernandesiň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňmegi başardy. «Atalantanyň» öz meýdançasynda «Frozinoneniň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçiren tapgyrynda «Ýuwentus» hem Turinde «Sassuolony» Wlahowiçiň (2) hem-de Kiezanyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi.



**Ispaniýanyň çempionatynda** 3 duşuşyk soňa goýlup, «Žirona» henize çenli ýeňiş gazanyp görmedik «Almeriýa» topary bilen myhmançylykda golsuz deňme-deň oýnady. Ýöne muňa garamazdan, 1 oýny artyk «Žirona» 1-nji orna beýgeldi. Bask derbisinde 3-nji orunda barýan «Atletik Bilbao» öz meýdançasynda «Real Sosiedady» Remironyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** garşydaşlarynyň utuk ýitirmeginden soň «Lansy» Barkola hem-de Mbappeniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen PSŽ arany açýar. 18-nji tapgyrda «Nissa» myhmançylykda «Rennden» 2–0, «Monako» hem öz meýdançasynda «Reýmsden» 3-1 hasaplar bilen asgyn geldi.



# «Romada» Mourinionyň ornuna De Rossi tälimçi bellendi

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da paýtagt Rimiň adybir kluby «Roma» portugaliýaly tälimçisi Žoze Mouriniony wezipesinden boşatdy. 60 ýaşly hünärmeniň şu ýylyň tomsuna çenli şertnamasy bardy. Klub soňky tapgyrda «Milandan» 3-1 hasabynda asgyn gelipdi. Umumylykda, soňky 6 oýunda diňe 1 gezek ýeňiş gazanyp, 1 sapar hem deňme-deň oýnan «Roma» topary 20 oýunda 29 utuk toplady we 9-njy orunda barýar. 2021-nji ýylyň iýul aýynda «Romanyň» tälimçiligine bellenen Mourinio rimliler bilen 2,5 möwsümde 138 oýunda 68 ýeňiş gazandy, 39 oýunda-da utuldy (31 deňlik). Ol «Roma» toparyna 2021/22 möwsüminde UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň çempionlygyny gazandyrypdy. Ol geçen möwsümde-de «Romany» UEFA Ýewropa Ligasynyň finalyna çykarypdy.

Mourinio karýerasy boýunça «Benfika», «Uniao de Leiria», «Porto», «Çelsi» (2 döwür), «Inter», «Real Madrid», «Mançester Ýunaýted», «Tottenham» klublaryna tälim berdi. 26-njy ýanwarda 61 ýaşyny doldurjak Mourinionyň ady käbir arap klublary, şol sanda «Nýukasl», «Porto» ýaly klublar bilen agzalýar.

«Roma» toparyna Mourinionyň ornuna möwsümiň ahyryna çenli klubuň ozalky rowaýaty futbolçylaryndan Daniele De Rossi tälimçilik eder. Gazanyljak şowly netijelerden soň şertnamanyň möhletiniň uzaldylmak mümkinçiliginiň bardygy hakynda italýan metbugatynda bellenilýär.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ÝYLYŇ GARAŞYLÝAN FILMLERI - 2

**Ýylyň garaşylýan filmleri sanawynda iýuldan soňky ekranlara çykjak eserleriň käbirleri, esasyraklary şulardyr. Olaryň arasynda käbir animasiýalar, şol sanda super gahryman filmleri, kino sungatynda uly yz galdyran kinolaryň dowamy, şol sanda komediýalar bar.**









● **«Despicable Me 4»** – meşhur animasiýanyň 4-nji bölümine Kris Reno režissýorlyk edip, multfilmiň gahrymanlaryna ýene-de Stiw Karell, Kristen Wiig, Miranda Kosgreýw, Stiw Kugan ýaly artistler ses berer. Animasiýa 3-nji iýulda ekranlara çykar.

● **«Project Artemis»** – «Columbia Pictures» bilen «Apple Studios»-yň bilelikdäki önümi bolan romantik komediýada Skarlett Ýohansson, Çanning Tatum, Wudi Harrelson ýaly artistler surata düşüp, oňa Greg Berlanti režissýorlyk edýär.

● **«Twisters»** – ýylyň tebigy betbagtçylyk temaly filmine Li Aýzaak Çun režissýorlyk edip, iýul aýynyň ikinji ýarymynda prokatlara çykjak kinoda Deýzi Edgar-Jons, Glen Powell, Antoni Ramos, Saşa Leýn, Kirnan Şipka ýaly artistler dürli keşpleri janlandyrýar.

● **«Deadpool 3»** – «Hollywood»-yň hyýaly super gahrymanlaryna özboluşly täzelik girizen Dedpulyň 3-nji başdan geçirmesi ýylyň iň köp garaşylýan kinolarynyň biridir. Şawn Lewiniň surata düşüren filmi 26-njy iýulda kinoteatrlara ýaýradylar. Filmde Raýan Reýnolds bilen Morena Baççarin daga Hýu Jekman, Jennifer Garner ýaly belli artistler hem ýoldaşlyk edýär.

● **«Borderlands»** – ussat režissýor Eli Rotuň surata düşüren ylmy-fantastik, uruşly komediýasynda Keýt Blanşett, Jäk Bläk, Jeými Li Kurtis, Ariana Grinblatt dagy dürli keşpleri ýerine ýetirýär.

● **«Wolfs»** – Jorj Kluni bilen Bred Pittiň bilelikdäki täze kinosyna Jon Watts režissýorlyk edip, triller görnüşli film sentýabr aýynda ekranlara çykar.

● **«Joker: Folie à Deux»** – ilkinji filmi bilen hemmäniň uly söýgüsini gazanan Joker kinosynyň 2-nji bölüminde ýene-de özüne Oskar gazandyran baş keşbi Hoakin Finiks janlandyrýar. Todd Fillipsiň režissýorlyk edýän kinosynda Leýdi Gaga hem surata düşüp, ol Harli Kuinniň keşbini ýerine ýetirýär. Filmiň oktýabr aýynda ekranlara çykmagyna garaşylýar.

● **«Venom 3»** – ýylyň garaşylýan kinolarynyň ýene biri-de «Wenom» filmleriniň 3-nji bölümi bolup, Tom Harid ýene-de baş keşpde surata düşýär. Kelli Marseliň režissýorlyk edýän kinosynda Juno Templ bilen Çiwetel Ežiofor hem keşp ýerine ýetirýär.

● **«The Amateur»** – amerikaly ýazyjy Robert Littelliň eseri esasynda surata düşürilýän bu filme Jeýms Hawes režissýorlyk edýär. Filmde Rami Malek, Raçel Brosnahan, Laurens Fişburn, Julianne Nikolson ýaly tanymal artistler surata düşýär.

● **«Red One»** – Amazon studiýasynyň täze önümi bolan bu ekran eserine Jeýk Kasdan režissýorlyk edýär. Filmiň kastinginde-de Dweýn Jonson, Kris Ewans, Kirnan Şipka, Lýusi Liu, J.K. Simmons ýaly tanymal artistler bar. Film noýabr aýynda kinoteatrlaryň ekranyny bezär.

● **«Gladiator 2»** – birinji filminden tas çärýek asyra golaý soň ekranlara çykjak «Gladiator» kinosynyň 2-njisine Riddli Skott režissýorlyk edýär. Pol Meskal, Denzel Waşington, Konni Nilsen, Derek Jeýkobi, Pedro Paskal ýaly artistleriň surata düşen kinosynyň ekranlara çykaryljak wagty noýabr aýynyň 22-si diýlip görkezilýär.

● **«The Lord of the Rings: The War of the Rohirrim»** – J.R.R. Tolkieniň meşhur eseriniň ilki filmleri, soňra serialy, indi bolsa animasiýasy ekranlaşdyrylýar. Ýaponiýaly animeçi Kenži Kamiýamanyň režissýorlygyndaky animasiýasynyň gahrymanlaryna Braýan Koks, Miranda Otto, Luk Paskualino ýaly artistler ses berýär. Film dekabr aýynda tomaşaçylaryň dykgatyna ýetiriler.

● **«Karate Kid»** – Jeki Çan bilen Ralf Makkionyň bilelikde surata düşýän uruşly komediýasyna Jonatan Entwisl režissýorlyk edip, filmiň ýylyň ahyrlarynda ekranlara çykmagyna garaşylýar.




● **«Mufasa: The Lion King»** – ýyly «Walt Disney Pictures»-iň önümi bolmazdan göz öňüne getirip bolmaz. «Şa ýolbars» animasiýasynyň dowamy hasaplanýan täze ekran eserine Berri Jenkins režissýorlyk edýär. Dekabr aýynyň ahyrlarynda prokata çykjak ekran eseriniň gahrymanlaryna Aaron Pierr, Kelwin Harrison Junior, Set Rojen, Jon Kai ýaly artistler ses berýär.

● **«Sonic the Hedgehog 3»** – ilkinji 2 filmi bilen köpleriň söýgüsini gazanan ýarym animasiýa «Sonik atly kirpi» kinosynyň täze bölümi hem dekabr aýynyň sanawynda orun alar. Jeffe Fowleriň režissýorlygyndaky filmde Jeýms Marsden, Ben Şwarts, Idris Elba dagy surata düşüp, gahrymanlara ses berýärler. Ekran eseriniň 3-nji kinosynda Jim Kerriniň ýokdugyny ýatladalyň.

● **«Nosferatu»** – kino sungatynyň özboluşly akymy bolan we irki ýyllarda uly yz galdyran «ekspressionizm» akymynyň iň belli nusgasy hasaplanýan «Nosferatu» filmi täzeden ekranlaşdyrylýar. Ýaş režissýor Robert Eggerse ynanylan bu gorkunç görnüşli kinoda Bill Skarsgard, Nikolas Holt, Lili-Rouz Depp, Aaron Teýlor-Jonson, Emma Korin, Willem Defo, Saýmon Mak-Börni ýaly tanymal artistler dürli keşpleri ýerine ýetirýär. Filmiň 25-nji dekabrda ekranlara çykmagyna garaşylýar.

# 3 SERIAL ÖŇE SAÝLANMAGYNY DOWAM EDÝÄR




Telewideniýe dünýäsiniň iň abraýly baýragy hasaplanýan «Emmi Praýmtaým» (Emmy Primetime) baýraklarynyň gowşuryluş dabarasy geçirildi. 75-nji «Emmi» baýraklary aslynda geçen ýylyň sentýabr aýynda geçirilmelidi. Ýöne dürli sebäplere görä, dabara ýanwar aýyna süýşürilipdi.

Los Anjelesdäki «Peacock» teatrynda geçirilen dabarany belli komediýaçy Antoni Anderson alyp bardy. Ýyldyzlaryň gyzyl halydan geçişligi bilen başlan dabarada 3 serial öňe saýlandy.

Iň gowy komediýa serialy ugry boýunça «Aýy» (The Bear) atly serial «Emmi» baýragyna laýyk görüldi. Iň gowy drama serialy ugry boýunça-da «Mirasdüşerler» (Succession) serialyna taý tapylmady. «Netflix»-iň önümi bolan «Beef» serialy-da iň gowy gysga göwrümli serial baýragyna mynasyp boldy.

«Aýy» serialynyň ýyldyzy, komediýa seriallarynyň iň gowy aktýory saýlanan Jeremi Allen Waýt «Altyn globusdan» soň, «Emmi» baýragyna-da laýyk görüldi. «Abbot başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary) serialynda baş keşbi janlandyrýan Kuinta Branson komediýa seriallarynyň iň gowy aktrisasy diýlip saýlandy.



«Mirasdüşerler» serialynda baş keşplerde surata düşen artistler – Kiran Kalkin drama seriallarynyň iň gowy aktýory, Sara Snuk bolsa iň gowy aktrisa baýraklary bilen sylaglandy.

Öz ugurlary boýunça baýraklary toplap gelýän «Beef» serialynyň artistleri – Stiwen Ýeun bilen Ali Won gysga göwrümli seriallaryň iň gowy aktýory hem-de aktrisasy diýlip saýlandy.

«Aýy» serialynyň beýleki artistleri – Ebon Moss-Bahrah bilen Aýo Edebiri komediýa seriallary boýunça ikinji plandaky iň gowy aktýor hem-de aktrisa diýlen ugurlarda «Emmi» heýkeljiklerini gazandy.

Drama seriallary üçin Mattýuw Makfadýen («Mirasdüşerler») bilen Jennifer Kulij («Ak Lotus», The White Lotus) ikinji plandaky iň gowy aktýor hem-de aktrisa diýlen ugurda tapawutlandy.

Şeýle-de, MTV-däki «RuPaul's Drag Race» gepleşigi iň gowy «Reality Competition Program», «Comedy Central»-da görkezilýän «The Daily Show with Trevor Noah» gepleşigi iň gowy «Talk Series», HBO-da ýaýlyma berilýän «Last Week Tonight with John Oliver» gepleşigi iň gowy «Scripted Variety Series», «Disney Plus»-daky «Elton John Live: Farewell from Dodger Stadium» gepleşigi-de iň gowy «Variety Special (Live)» diýlen ugurlarda ýeňiji hökmünde yglan edildi.

# «OPPENHAÝMER» FILMINE ÝENE-DE 8 BAÝRAK




Kino sungatynyň abraýly baýraklarynyň hatarynda görkezilýän «Critics' Choice Awards» («Kinotankytçylaryň saýlany») baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. 29-njy gezek geçirilen dabarada ýylyň şowly çykan kinosy «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) iň gowy film diýlip saýlandy. Ony surata düşüren Kristofer Nolan bolsa iň gowy režissýor baýragyna laýyk görüldi. Umumylykda film 8 baýrak gazandy. Ikinji plandaky iň gowy aktýor (Robert Dawni Junior), iň gowy operator (Hoýte wan Hoýtema), iň gowy montaž (Jennifer Leým), iň gowy saz (Ludwig Goransson), iň gowy wizual effektler hem-de iň gowy artistler topary baýraklaryna mynasyp boldy.

18 dalaşgärligi bolan «Barbi» (Barbie) filmi 6 heýkeljik gazandy. Filmiň edebi esasyny ýazan režissýory Greta Gerwig bilen Noa Baumbaha iň gowy asyl ssenariý baýragy gowşuryldy. Şeýle-de, film iň gowy grim, iň gowy önümçilik bezegi, iň gowy saç we makiýaž baýraklaryna-da mynasyp boldy. Iň gowy komediýa saýlanan filmdäki «I'm Just Ken» atly aýdym iň gowy aýdym diýlen ugurda ýeňiji diýlip yglan edildi.

Iň gowy aktrisa baýragyna «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) filminiň ýyldyzy Emma Stoun laýyk görüldi. «Galdyrylanlar» (The Holdovers) filmi hem dabarada artistçilik ugurlary boýunça 3 baýrak gazandy. Filmde surata düşen Pol Jiamatti iň gowy aktýor, Da'Win Joý Rendolf ikinji plandaky iň gowy aktrisa hem-de Dominik Sessa iň gowy ýaş artist diýlen ugurlar boýunça «Kinotankytçylaryň saýlany» baýragyny eýelediler.





Iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragy «Amerikan hekaýasy» (American Fiction) filminiň edebi esasyny ýazan Kord Jeffersona gowşuryldy. «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) kinosynyň daşary ýurt dilindäki iň gowy film diýlip saýlanan dabarasynda «Möý adam: möý älemine geçiş» (Spider-Man: Across the Spider-Verse) iň gowy animasiýa baýragyna laýyk görüldi.

Seriallaryň arasynda-da garaşylyşy ýaly ýylyň iň köp baýrakly ekran eserleri bu ýerde-de tapawutlandyryldy. «Mirasdüşerler» (Succession) iň gowy drama serialy, ekran eseriniň ýyldyzlary Kiran Kalkin iň gowy aktýor, Sara Snuk iň gowy aktrisa, şol sanda «Aýy» (The Bear) iň gowy komediýa serialy, bu serialyň ýyldyzlary-da Jeremi Allen Waýt bilen Aýo Edebiri degişlilikde, iň gowy aktýor we aktrisa diýlip saýlandy.

Gysga göwrümli seriallaryň arasynda-da «Beef» iň gowusy diýlip yglan edildi. Serialda baş keşbi janlandyran Stiwen Ýeun bilen Ali Won hem bu ugruň iň gowy aktýory hem-de aktrisasy baýraklary bilen sylaglandy.

Dabaranyň dowamynda başga-da birnäçe ugurlar boýunça baýraklar öz mynasyplaryna gowşuryldy.




# LÄHEŇLERE HAÝBAT ATÝAN «ŽIRONA»

**Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda wagtal-wagtal garaşylmadyk çempionlar ýüze çykýar ýa-da kämahallar pes hasaplanýan klublar çempionlyk ugrunda göreşe goşulýar. Esasanam, Ispaniýanyň «La Ligasy» çempionlyk göreşiniň 2 ýa-da 3 klubuň arasynda geçirilýän ýeri bolup, şu möwsümde garaşylmadyk topar peýda boldy. Çempionatda «Real Madrid» bilen «Barselona» toparlarynyň özara göreşine, kämahal «Atletiko Madrid» topary hem goşulýar. Ýöne şu möwsümde «La Ligada» başdan geçiren möwsümi entek 5-e hem ýetmedik «Žirona» toparynyň garaşylmadyk göreşi hemmeleri haýran galdyrmagyny dowam edýär. Topar edil häzirki wagtda 1 oýny artyk «La Ligada» 1-nji orunda barýar.**




Geçen tomusda transfere 20 million ýewro golaý maýa goýan klubuň «La Liga» bilen tanyş bolanyna köp wagt geçmedi. Mundan 25 ýyl ozal 5-nji ligada çykyş edýän klub 2016/17 möwsüminde 2-nji ligada 2-nji ýeri eýeläp, esaslandyrylanyndan 87 ýyl soň, 2017/18 möwsüminde «La Liga» beýgelýär we şol möwsüm çempionaty 10-njy orunda tamamlaýar. 1 möwsümden soňam 18-nji orny eýeläp, «La Liga» bilen hoşlaşýar. 3 ýyl 2-nji ligada 5–6-njy orunlary eýeleýär. 2021/22 möwsüminde pleý-offlarda ýeňiş gazanan klubuň ugry täzeden «La Liga» düşýär. 2-nji synanyşygynyň ilkinji möwsüminde-de 10-njy orny eýeleýär. «La Ligadaky» 2-nji başdangeçirmesiniň 2-nji möwsüminde bolsa topar çempionlyga kowalaşýan klublaryň biri bolýar...

«Žirona» kluby mundan 93 ýyl ozal, ýagny 1930-njy ýylyň 23-nji iýulynda esaslandyrylýar. Ispaniýanyň Kataloniýa sebitiniň wekili bolan Žirona şäheriniň adybir kluby 1980-nji ýyla çenli 2–3-nji ligada çykyş edýär. Soňra 4-nji liga ornaşyp, arasynda 5-nji liga bilen hem tanyş bolýar. 1990-njy ýyllaryň agramly bölegini 3-nji ligada geçirsede, 1997/98, 1998/99 möwsümlerini 5-nji ligada oýnaýar. Täze asyryň ilkinji 10 ýylynda 4-nji we 3-nji ligalaryň arasynda gatnaýar. 2008/09 möwsüminde bolsa 2-nji liga çykyp, tä «La Liga» beýgelýänçä bu ýeriň oturymly klublarynyň birine öwrülýär.

Klub umumylykda 2-nji ligada (Segunda Division) 24, 3-nji ligada (Segunda Division B) 13, 4-nji ligada (Tercera Division) 44 ýyl, 5-nji ligada (Categorías Regionales) 3 möwsüm geçirýär.



«La Ligadaky» 4-nji möwsümini başdan geçirýän klubuň taryhyna ser salsak, gazanan kuboklarynyň sany iki eliň barmaklarynyň sanyny geçenok. 2007/08 möwsüminde 3-nji ligada gazanylan çempionlyk, şeýle-de 4-nji ligada 5 gezek çempion bolan klubuň muzeýinde 2019-njy ýylda Kataloniýanyň Super Kubogy hem bar. 2017-nji ýylyň awgustynda klubuň taryhynda täze sahypa açylýar. Arap kompaniýasy «City Football Group», ýagny düzüminde «Mançester Siti» we başga-da onlarça kluby jemleýän Birleşen Arap Emirlikleriniň kompaniýasy klubuň agramly paýnamasyny (47 göterimini) satyn alýar.

«Žirona» topary öz ýerli duşuşyklaryny şäherdäki 14 müň 624 orunlyk «Estadio Municipal de Montilivi» stadionynda geçirýär. Klubuň lakamy «Blanquivermells» bolup, ol ak-garalar diýmegi aňladýar. Klubuň ýaşlar düzümi, şol sanda professional bolmadyk zenanlar topary hem bar.

Klubuň taryhynda iň köp duşuşyk geçiren futbolçysy bolmak ugrunda 3 futbolçynyň arasynda ýiti göreş dowam edýär. Häzirlikçe 2016-njy ýyldan bäri çykyş edip gelýän Huanpe 234 duşuşyk bilen 1-nji ýeri eýeleýär. Borha Garsiýanyň 233, urugwaýly hüjümçi Kristian Stuaniniň 232 duşuşygy bar. 3 oýunçy-da klubda çykyş edip, bu görkezijiniň islendik wagty üýtgemegi mümkin. Klubda iň köp gol geçiren futbolçy weteran hüjümçi Kristian Stuanidir. Urugwaýly 37 ýaşyndaky oýunçy 2017-nji ýyldan bäri klubda çykyş edip gelýär we jemi 124 gezek tapawutlanyp, 2–3-nji ýerlerdäki futbolçylardan ep-esli (85 goldan ýokary) öňde barýar.

Kluba häzirki wagtda 2021-nji ýylyň iýulyndan bäri ispaniýaly hünärmen Miçel tälim berýär. 2017-nji ýylda tälimçilige baş goşan 48 ýaşyndaky hünärmen mundan öň «Raýo Wallekano» hem-de «Hueska» toparlaryna tälim beripdi. Doly ady Miçel Sançes Munoz bolan tälimçi häzirki wagtda kluba hüjüm futbolyny oýnadýar. Tälimçi şu möwsümde wagtal-wagtal 4, kämahal bolsa 3 goragçy bilen meýdança çykdy. Toparyň oýun taktikasy 3–1–6 ýa-da Guardiolanyň meşhur taktikasy 3–2–4–1 hökmünde bolup, oýnuň ýagdaýyna görä



bu üýtgeýär. Töwekgelçilikden çekinmeýän Miçeliň şägirtleri «La Ligada» topa eýelik etmekde hem-de özara takyk paslaşmakda öňdäki 5-lige girýär we bu ýagdaý hem olaryň oýna erk etmegi başarýandyklaryny aňladýar.

Miçel topary taryhynda 2-nji gezek «La Liga» çykaran tälimçi bolup, klub iň ýokary liganyň hemişelik wekilleriniň biri bolmak isleýärdi. Ilkinji möwsüminde ligada galmak üçin göreşen topar bu ýagdaýy ýeňillik bilen geçdi. Täze möwsüme başlanlarynda-da ýene esasy maksat ligada galmakdy. Ýöne klub häzirki wagtda öz tamalaryny aňryýany bilen ýerine ýetirýär. Möwsüme myhmançylykda «Real Sosiedad» bilen deňme-deň oýnap başlan klubuň 2-nji tapgyrdan şemaly belentden öwsüp ugrady. Elbetde çempionatdaky geçiriljek duşuşyklaryň tertibi hem «Žirona» üçin ýeňil düşdi.




Klub şu wagta çenli geçiren 20 duşuşygynda 15 ýeňiş gazandy. 4 gezek deňme-deň oýnap, 1 sapar hem ýeňlişe sezewar boldy. «Žironany» ýeňen ýeke-täk klub «Real Madrid» bolup, katalonlar şol oýunda 3–0 hasabynda asgyn gelipdi. Topar Kataloniýa derbisinde «Barselonany» myhmançylykda 4–2, öz meýdançasynda «Atletiko Madridi» taryhy duşuşykda 4–3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Öz meýdançasynda «Atletik Bilbao» bilen, myhmançylykda «Real Sosiedad», «Betis» hem-de soňky tapgyrda «Almeriýa» bilen deňme-deň oýnan klubuň iň netijeli oýunçysy ukrainaly Artem Dowbyk bolup, ol çempionatda 11 gol geçirdi. Klub ony geçen tomusda «Dnepr-1» klubundan transfer edipdi.

Weteran hüjümçi Kristian Stuaniniň 6, braziliýaly Sawionyň 5, Ýanhel Herreranyň, Iwan Martiniň 4 golluk goşantlary bar. Toparyň esasy ýyldyzlaryndan, az duşuşyk geçirenem bolsa bir döwürler «Mançester Sitide» çykyş eden Aleiks Garsiýa üçin transfer teklipleriniň yzy üzülenok. Deýli Blind, Wiktor Sygankow, Miguel Gutierres, Paulo Gazzanija, Portu, Waleriý Fernandes, Ýan Kouto ýaly futbolçylaryň hem klubuň şu möwsümdäki başarnygyna goşandy diýseň uludyr.

Klubuň çempionlygy gazanyp gazanmajakdygy häzirlikçe näbelli. «Barselonadyr» «Atletiko» bilen




arany birneme açan klubuň çempionlyk ugrundaky esasy bäsdeşi häzirlikçe «Real Madrid» topary bolup, çempionlyk gazanan ýagdaýynda, diňe bir «La Liganyň» däl, eýsem, Ýewropanyň, hatda Dünýä futbolynyň sahypalarynda hem iň uly taryhy başarnyk bolar. Gazanmadyk ýagdaýynda-da klubuň görkezen bu netijesi taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylar.